# MALIÝE WE YKDYSADYÝET

## FINANCE AND ECONOMY

## ФИНАНСЫ И ЭКОНОМИКА




№ 6 / 2020

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWYŇ BMG-NIŇ BAŞ ASSAMBLEÝASYNYŇ 75-NJI ÝUBILEÝ MEJLISINE GATNAŞYJYLARA WIDEOÝÜZLENMESINDEN:**

**— Çärýek asyr bäri Bitaraplyk Türkmenistan üçin onuň döwletliliginiň, alyp barýan daşary we içeri syýasatynyň esaslarynyň biri bolup durýar. Bitaraplygyň ýörelgeleri, onuň gymmatlyklary hem-de dünýä garaýyşy ýurdumyzyň milli bähbitlerine, Birleşen Milletler Guramasynyň maksatlaryna we wezipelerine özüniň doly kybap gelýändigini subut etdi.**



# HEMIŞELIK BITARAPLYK - DURNUKLY ÖSÜŞIŇ DOWAMATY




Türkmenistanyň döwlet Garaşsyzlygy Bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýar. Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň gazanylanynyň yzysüre 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» hakynda Kararnama kabul edildi.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Gahryman Arkadagymyzyň taýsyz tagallalary bilen Türkmen Bitaraplygy has-da dabaralanýar, täze öwüşgünlere we mazmuna beslenýär. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň Kararnamasynyň 2015-nji ýylda ikinji gezek kabul edilmegi, şeýle hem bu abraýly halkara guramasy tarapyndan 2017-nji ýylyň fewral aýynda her ýylyň 12-nji dekabryny Halkara Bitaralpyk güni diýip yglan edilmegi munuň aýdyň subutnamasydyr.

Bu gün türkmen halky hemişelik Bitaraplygynyň şanly 25 ýyllyk toýuny toýlaýar. Munuň üçin ýurdumyzyň ähli künjeklerinde we paýtagtymyz Aşgabatda hemişelik Bitaraplygymyza, onuň esasynda ýetilen sepgitlere bagyşlanan çäreler giň gerimlerde geçirilýär. Bu ajaýyp toý-daralara ýurdumyzyň maliýe-ykdysadyýet toplumy we banklar hem saldamly goşant goşýarlar. Bu hem öz-özünden düşnükli, sebäbi hemişelik Bitaraplyk ýörelgelerine daýanýan ykdysady syýasat özüniň bol, eşretli miwelerini eçilýär.

Hemişelik Bitaraplygymyzyň 25 ýyllyk şanly toýunyň toýlanýan günlerinde Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistan – Bitaraplygyň mekany» atly kitabynyň çapdan çykmagy geçirilýän dabaralara täze öwüşgin çaýdy. Kitapda Gahryman Arkadagymyz Bitaraplygyň gadymy gözbaşyndan şu günki güne çenli taryhyna ylmy seljerme geçirýär.

Milli Liderimiziň «Türkmenistan – Bitaraplygyň mekany» atly kitabynda hemişelik Bitaraplygynyň ykdysady ähmiýetine ýörite bölüm berlen. 1995-nji ýylyň 27-nji dekabrynda kabul edilen «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 7-nji maddasynda «Türkmenistan halkara ykdysady hyzmatdaşlygyny deňhukuklylyk, özara peýdalylyk we bu işe çekilen taraplaryň bähbitlerini hasaba almak esasynda, şeýle hyzmatdaşlyga ýurtlaryň we sebitleriň arasynda ynanyşmagy pugtalandyrmagyň, parahatçylygy we durnuklylygy saklamagyň möhüm guraly hökmünde garamak esasynda ösdürýär» diýip bellenilýär. Gahryman Arkadagymyz tarapyndan Berkarar döwletiziň bagtyýarlyk döwründe alnyp baryl-

ýan ýurdumyzyň durnukly ösüş syýasaty hem hut şu ýörelgeleri özünde jemleýär.

Türkmen Bitaraplygy ýurdumyza ykdysady taýdan belent sepgitleriň gazanylmagyna mümkinçilik döretdi. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwri ýyllarynda Türkmenistanda ýokary depginli ykdysady ösüşler gazanyldy. Diňe 2008-2019-njy ýyllarda Türkmenistanyň jemi içerki önüminiň möçberi 3,2 esse artdy. Döwlet býujetiniň girdejiler bölegi iki esseden gowrak, çykdajylar bölegi 4 esseden gowrak artdy. Bu sanlar ýurdumyzyň adam hakda alada ýugrulan ynsanperwer durmuş-ykdysady syýasatynyň ýokary derejelere göterilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

Hemişelik Bitaraplyk ýyllarynda ýurdumyzyň ykdysadyýetinde işjeň maýa goýum syýasaty alnyp baryldy. Ýurdumyzda müňlerçe önümçilik, durmuş-medeni we ekologiki maksatly desgalar we binalar gurlup ulanmaga berildi. Bu bolsa, ýurdumyzda Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan yglan edilen Durnukly ösüş maksatlarynyň durmuşa geçirilmegine oňyn mümkinçilik döretdi. Kabul edilen maksatnamalaryň we üstünlikli amala aşyrylmagy netijesinde ýurdumyzyň daşary ykdysady gatnaşyklary yzygiderli kämilleşdirildi. Ýola goýlan döwlet-hususyýetçilik hyzmatdaşlygynyň netijesinde ýurdumyzda ösen senagatçylar we telekeçiler pudagy döredi.

2020-nji ýylyň 12-nji dekabrda paýtagtymyzda «Bitaraplyk syýasaty we onuň halkara parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmekde ähmiýeti» atly Halkara maslahaty geçirildi. Maslahatyň dabaraly mejlisine hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow gatnaşdy. Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 25 ýyllygy mynasybetli ýaýbaňlandyrylan Halkara sergisi 12 günüň dowamynda ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklarynyň ýeten derejesini şöhlenendirdi.

2020-nji ýylyň 8-nji dekabrynda Hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 25 ýyllyk toýuna bagyşlanyp «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy döwletiň ykdysady ösüşleriniň özenidir» atly ylmy-amaly maslahat geçirildi. Ylmy-amaly maslahatda bagtyýarlyk ýyllarynda ýurdumyzyň ykdysady ösüşinde bolup geçen özgertmeler, ýetilen belent sepgitler barada giňişleýin durlup geçildi. Gahryman Arkadagymyzyň parasatly Baştutanlygynda hemişelik Bitaraplyk ýörelgeleriniň Türkmenistanyň ykdysadyýetini ösdürmekde, ilatynyň bagtyýar ýaşaýşyny üpjün etmekde, ýurdumyzyň statisika, standartlaşdyryş, ätiýaçlandyryş we bank ulgamlaryny döwrebap, halkara hil derejesinde ýola goýmakda ähmiýetini aýratyn nygtap geçdiler. Şu günki günüň derwaýys wezipeleri, hususan-da daşary ýurt göni maýa goýumlaryny çekmek, maliýe we bank hyzmatlarynda sanly ulgamy ornaşdyrmak, döwrebap bazar özgertmelerini geçirmek çykyşlaryň içinden eriş-argaç bolup geçdi.



# TÜRKMEN BITARAPLYGYNYŇ YKDYSADY JÄHTLERI

**Muhammetgeldi ATAÝEW,**
Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi,
ykdysady ylymlaryň doktory, professor

Türkmenistanyň Prezidentiniň taýsyz tagallalary bilen 2020-nji ýylda ýurdumyzda Türkmen Bitaraplygynyň halkara derejesinde ykrarlanmagynyň 25 ýyllyk toýy giň gerimde bellenip geçilýär. Bu maksat bilen, ýurdumyzda halkara ähmiýetli çäreleriň birnäçesi geçirilýär. Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen 2020-nji ýyl «Türkmenistan – Bitaraplygyň mekany» diýip yglan edildi. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 75-nji ýubileý mejlisine gatnaşyjylara iberen çuňňur many-mazmunly wideoýüzlenmesinde şu günki günde Türkmen Bitaraplygynyň sebitleýin we halkara derejesinde howpsuzlygy üpjün etmegiň wajyp serişdesine öwrülýändigi aýratyn nygtalyp geçilýär. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzda halkara guramalary bilen bilelikde ençeme iri milli we sebit derejesinde maksatnamalar we taslamalar netijeli amala aşyrylýar.

Olaryň esasylarynyň hataryna hormatly Prezidentimiz Türkmen Bitaraplygynyň ykdysady meseleleriniň çözgüdini, hususan-da energetika, ulag, senagat we söwda ulgamlaryny goşýar. Häzirki döwürde dünýä ykdysadyýetini durnukly ösüş ýoluna çykarmak üçin şertleri döretmekligiň aýratyn zerurdygyny Döwlet Baştutanymyz belleýär. Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen örän ähmiýetli özgertmeler ýurdumyzyň nebitgaz toplumynda amala aşyryldy. Ilkinji nobatda, uglewodorod serişdeleriniň, hususan-da, tebigy gazyň eksport edilýän ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmak babatynda düýpli işler ýola goýuldy. Bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýan, ykdysadyýetimiziň depginli ösüşini üpjün edýän, transmilli gaz geçirijileriniň gurluşyklaryny belläp geçmek bilen çäklenmän, «Galkynyş» gaz ýataklar toplumyny ösen tehnologiýalar bilen enjamlaşdyryp toplumlaýyn özleşdirmek, içerki gaz geçirijilerini gurmak we birnäçe beýleki üstünlikli sepgitler hem ahyrky nobatda bu wezipeleriň çözülmegine gönükdirilendir. Milli Liderimiziň wideoýüzlenmesinde beýan edilen Türkmenistan-Owganystan-Pakistan-Hindistan gaz geçirijisiniň, şeýle hem Owganystanyň çäklerine çykýan demir ýol şahalarynyň, optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamlarynyň gurulmagy hem şu giň göwrümli işleriň dowamy bolup durýar.

«Türkmenistan ulag meselesi babatda giň halkara gatnaşyklarynyň başyny başlaýjylaryň biri hökmünde adatdan daşary ýagdaýlaryň döwründe halkara ýük daşalyşynyň durnuklylygyny üpjün etmek meselelerine garamagy teklip edýär» diýip, Gahryman Arkadagymyz öz wideoýüzlenmesinde belleýär. Ýurdumyzda dünýä bazarlaryna üstünlikli aralaşmak babatynda ulag we kommunikasiýa ulgamlaryny ösdürmek boýunça birnäçe iri maýa goýum taslamalary durmuşa ornaşdyryldy. Ýurdumyzyň geografik taýdan amatly ýerleşýändigini nazara alyp, ulag-üstaşyr geçelgelerini döretmeklige aýratyn üns berilýär. Häzirki wagtda ulag ulgamynyň ähli görnüşleri innowasion esasda ösdürilýär, bu bolsa, ýurdumyzyň eksport kuwwatyny ähli ugurlar boýunça ösdürmeklige oňyn şert döredýär. Halkara aerowokzal toplumlary, Türkmenbaşy şäherinde Halkara deňiz porty, Demirgazyk-Günorta demir ýol geçelgesi, uzak aralyklara uzalyp gidýän döwrebap awtomobil ýollary bu ugurda alnyp barylan göwrümli işleriň netijesinde gazanylan üstünliklere şaýatlyk edýär. Türkmenistanyň ilkinji aragatnaşyk hemrasy bolan «TürkmenÄlem 52°E» älem hemrasy ýurdumyzyň taryhynda kommunikasiýalar babatynda gazanylan wajyp ähmiýetli üstünlik boldy. Internet we öýjükli telefon aragatnaşyk hyzmatlaryndan peýdalanyjylaryň sanynyň yzygiderli artmagy ykdysadyýetiň sanlylaşdyrylmagynyň maddy binýadyny häsiýetlendirýän wajyp görkezijilerdir.

Häzirki wagtda bu toplumda döwrebap Türkmenbaşy — Türkmenabat awtobanyň – ýokary tizlikli gara ýoluň gurluşygy alnyp barylýar. Durnukly ulag ulgamyny döretmek babatynda Birleşen Milletler Guramasynyň düzüm birlikleri bilen ysnyşykly hyzmatdaşlyk ýola goýuldy. 2016-njy ýylda BMG-niň howandarlygynda ýurdumyzyň paýtagtynda Durnukly ulag boýunça ählumumy maslahat geçirildi. Türkmenistanyň başlangyjy bilen bu abraýly halkara guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan ulag-üstaşyr geçelgelerini döretmek we ulagyň ähli görnüşleriniň arabaglanyşygyny berkitmek babatynda birnäçe kararnamalar kabul edildi. «Türkmenistan ulag meselesi babatda giň halkara gatnaşyklarynyň başyny başlaýjylaryň biri hökmünde adatdan daşary ýagdaýlaryň döwründe halkara ýük daşalyşynyň durnuklylygyny üpjün etmek meselelerine garamagy teklip edýär. Biziň ýurdumyz tarapyndan Baş Assambleýanyň Kararnamasynyň degişli taslamasy taýýarlanylyp, ol BMG-niň agza-döwletleriniň garamagyna iberildi» diýip hormatly Prezidentimiz BMG-niň Baş Assambleýasynyň 75-nji ýubileý mejlisine gatnaşyjylaryna iberen wideoýüzlenmesinde aýratyn belleýär.

Ýokarda bellenip geçilen sepgitler durnukly ösüşiň şu maksatlaryny durmuşa ornaşdyrmak maksady bilen amala aşyryldy: «Barha ilerleýän, hemme zady öz içine alýan we durnukly ykdysady ösüşe, hemmeleriň önümçilikde meşgul bolmaklygyna hem-de mynasyp işde işlemegine ýardam etmek», «Durnukly infrastrukturany döretmek, hemme zady öz içine alýan durnukly senagatlaşma we innowasiýalara ýardam bermek», «Hemmeler üçin arzan, ygtybarly, durnukly we döwrebap energiýa çeşmeleriniň elýeterliligini üpjün etmek». Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, «Türkmenistanyň Bitaraplygy – munuň özi syýasatda, ykdysadyýetde, daşky gurşawy goramak işinde, ählumumy azyk howpsuzlygyny üpjün etmekde deňhukuklylyk, hormat goýmak, özara bähbitli halkara hyzmatdaşlyk, Ýer ýüzüniň tebigy serişdelerini adalatly we netijeli paýlamak, bosgunlara, göçe-göçlükde ýaşaýanlara we raýatlygy bolmadyk adamlara kömek we goldaw bermek üçin, häzirki zaman dünýäsiniň ençeme beýleki möhüm meselelerini çözmäge çagyryşdyr hem-de şertleriň döredilmegidir».

Ýurdumyzyň azyk garaşsyzlygyny üpjün etmek maksady bilen, diňe bir oba hojalyk pudagyny diwersifikasiýalaşdyrmak bilen däl, eýsem tutuş agrosenagat toplumyny köpugurly ösüşe gönükdirmek babatynda giň gerimli işler alnyp baryldy. Ekerançylykda azyklyk oba hojalyk ekinleriniň ekin meýdanlary giňeldildi we olaryň hasyllylygyny ýokarlandyrmak babatynda toplumlaýyn çäreler amala aşyryldy, maldarçylykda – guşçulygy, iri şahly maldarçylygy depginli ösdürmek ileri tutulýan ugurlaryň hatarynda goýuldy. Bu ugurda geçirilen diwersifikasiýa özgertmeleri ýer gatnaşyklaryny, eýeçilik görnüşlerini we dolandyryşy guramaklygy kämilleşdirmek işleri bilen utgaşykly alnyp baryldy. Hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen agrosenagat toplumy bir bitewi hojalyk mehanizmine öwrülýär. Türkmenistan diňe bir öz ilatyny azyk önümleri bilen üpjün etmek bilen çäklenmän, eýsem olary ýurdumyzyň daşyna uly möçberlerde eksport etmek üçin zerur bolan tebigy serişdeleri we işçi güýçleri ýeterlik mümkinçiligi bolan ýurtlaryň



hataryna girýär. Bu ugurda alnyp barylýan işler, ilkinji nobatda, Durnukly ösüşiň «Açlygy ýok etmek, azyk howpsuzlygyny üpjün etmek we iýmitlenmegi gowulandyrmak hem-de oba hojalygynyň durnukly ösüşine ýardam bermek» maksadyna gönükdirilendir. Suwarymly ekerançylygyň şertlerinde agrosenagat toplumy Durnukly ösüşiň «Hemmeler üçin suw serişdeleriniň bolmagyny we rejeli peýdalanylmagyny üpjün etmek» maksadynyň gazanylmagyny hem üpjün etmelidir.

Türkmenistanyň şertlerinde ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini düýpli gowulandyrmak Durnukly ösüş maksatlaryny amala aşyrmagyň ileri tutulýan ugry hökmünde kabul edildi. Şu jähtden, eýýäm 2007-nji ýylda hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen kabul edilen «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki Milli maksatnamasynyň» çäklerinde gazanylan üstünlikleri belläp geçmek hem ýeterlikdir. Oba Milli maksatnamasy hormatly Prezidentimiziň Durnukly ösüş maksatlaryny amala aşyrmak babatynda ilkinji başlangyjy hökmünde, ýagny dünýä derejesinde yglan edilmeginden sekiz ýyl öň başlanmagy häzirki wagtda halkara jemgyýeti tarapyndan ykrar edilýär. Bu bolsa, hormatly Prezidentimiziň durmuş-ykdysady strategiýasynyň öňdengörüjiliklidigine şaýatlyk edýär. Oba Milli maksatnamasy, ilkinji nobatda, «Şäherleriň we ilatly ýerleriň açyklygyny, howpsuzlygyny, durmuşa ukyplylygyny we ekologik durnuklylygyny üpjün etmek» maksadyna gönükdirilendir.

Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 75-nji ýubileý mejlisine gatnaşyjylara iberen wideoýüzlenmesinde «dünýäde pandemiýanyň ýaýrap başlan ilkinji pursatlaryndan Türkmenistan bu howpa garşy hereket etmek boýunça zerur çäreleri iş ýüzünde amala aşyrmaga girişdi. Öz wagtynda netijeli gorag çäreleri geçirildi, koronawirus ýokanjyna garşy göreşmek boýunça ýeke-täk milli strategiýa işlenip düzüldi. Guramaçylyk, hukuk, maliýe, ykdysady, lukmançylyk we arassaçylyk-karantin häsiýetli çäreleriň toplumy şol strategiýanyň özenini düzdi» diýip aýratyn nygtady.

Ilatyň ähli gatlaklarynyň sagdyn durmuşyny üpjün etmek üçin halkara standartlaryna laýyk gelýän düýpli özgertmeler durmuşa ornaşdyrylýar. Hormatly Prezidentimiziň durnukly ösüş syýasatynyň bu ugry hereketleriň giň gerimliligini we çözülýän wezipeleriň toplumlaýyn häsiýetde bolmagyny şertlendirýär. Ilkinji nobatda, ýurdumyzda saglygy goraýyş we derman senagaty ulgamynyň depginli ösüşini belläp geçmek zerurdyr. Bu jähtden ýurdumyzyň paýtagty Aşgabat şäherinde enjamlaşdyrylyşy we hyzmatlaryň ýola goýluşy boýunça halkara standartlaryna laýyk gelýän köpsanly saglyk merkezleriniň we hassahanalaryň gurlandygyny belläp geçmek bolar. Etrap we welaýat merkezlerinde döwrebap, öňdebaryjy enjamlar bilen enjamlaşdyrylan hassahanalar we saglyk merkezleri, oba ýerlerinde we şäherçelerde – saglyk öýleri guruldy. Häzirki wagtda Türkmenistan medisina senagatyny, ilkinji nabatda, derman önümçiligini ösdürmeklige uly üns berýär.



Baý rekreasiýa serişdeleri Türkmenistanda dynç alyş-sagaldyş işjeňligini ýokary derejede ösdürmeklige mümkinçilik berýär. Aýratyn-da, sanatoriý-şypahana ulgamyny ösdürmeklige aýratyn üns berilýär. Ýurdumyzyň ähli şypahanalary, şeýle hem «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda döredilen sagaldyş-dynç alyş merkezleri häzirki zaman lukmançylyk enjamlary bilen üpjün edilendir. Olarda halkara ülňüleriniň derejesinde raýatlaryň saglygyny bejertmegi we dynç almagy üçin ähli şertler döredilen. Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen döredilen «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy syýahatçylaryň we saglygyny berkidýänleriň söýgüli ýerine, ýokary derejedäki halkara maslahatlaryň, forumlaryň, festiwallaryň we beýleki wajyp çäreleriň geçirilýän merkezine öwrülýär. Hormatly Prezidentimiziň bu ugurda alyp barýan köpgyranly syýasaty durnukly ösüşiň «Sagdyn durmuş ýörelgelerini üpjün etmek we ähli ýaşdakylaryň abadançylygyna ýardam bermek» maksadyna gönükdirilendir.

Intellektual gory, adam maýasyny kemala getirmek maksady bilen ylym-bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmak Durnukly ösüş maksatlarynyň esaslarynyň hataryna degişlidir. Hormatly Prezidentimiziň ýadawsyz aladalary netijesinde milli ykdysadyýetiň dürli pudaklary üçin hünärmenleri taýýarlamak işini diwersifikasiýalaşdyrmaga hem uly üns berildi. Şol bir wagtyň özünde, ýurdumyzyň ýörite orta we ýokary okuw mekdeplerinde taýýarlanylýan hünärmenleriň saýlap alýan hünär ugurlarynyň ykdysadyýetiň ileri tutulyp ösdürilýän ugurlary bilen kybapdaş gelmegi üns merkezinde saklanylýar. Hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen ýurdumyzyň ähli pudaklarynda ýokary depginli ösüş üpjün edilýär, üstünlikli amala aşyrylýan maksatnamalaryň we meýilnamalaryň çäklerinde gurulýan kärhanalaryň, desgalaryň, binalaryň ulanmaga berilmegi netijesinde müňlerçe täze iş orunlary döredilýär. Şeýlelikde, döwrebap tehnikalara we tehnologiýalara erk edip bilýän hünärmenleri iş bilen üpjün etmeklige ähli mümkinçilikler döredilýär. Bu işler Durnukly ösüşiň «Hemmeleriň ýokary hilli bilim almagyny üpjün etmek we olara bütin ömrüniň dowamynda okamaga mümkinçilik döretmek» hem-de «Hemmeler üçin gender deňligini üpjün etmek we aýallaryň hem-de gyzlaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmek» maksatlarynyň amala aşyrylmagynyň hatyrasyna alnyp barylýar.

Hormatly Prezidentimiz BMG-niň Baş Assambleýasynyň 75-nji ýubileý mejlisine gatnaşyjylara iberen wideoýüzlenmesinde Araly halas etmek babatynda ýola goýlan hyzmatdaşlyga aýratyn üns berdi. Milli Liderimiziň belleýşi ýaly: «Türkmenistan Aral deňziniň gurşawy üçin BMG-niň Ýörite maksatnamasyny döretmek boýunça başlangyjy öňe sürdi. Şeýle hem 2018-nji ýylyň aprel aýynda we 2019-njy ýylyň maý aýynda ýurdumyzyň başlangyjy boýunça kabul edilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň «Birleşen Milletler Guramasy bilen Araly halas etmegiň Halkara gaznasynyň arasynda hyzmatdaşlyk hakynda» Kararnamalarynyň möhümdigini belleýäris. Şol resminamalar häzir Aral meselesi ugrunda bilelikdäki tagallalary birleşdirmek üçin meýdança hökmünde çykyş edýär».

Durnukly ösüş maksatlaryny amala aşyrmakda ýurdumyz Birleşen Milletler Guramasynyň ähli ýöriteleşdirilen edaralary we düzümleri bilen ysnyşykly aragatnaşygy ýola goýýar. Hususan-da, BMG-niň Ösüş maksatnamasy, ÝUNISEF, Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy, BMG-niň Ilat gaznasy, BMG-niň Daşky gurşaw boýunça maksatnamasy we beýlekiler bilen sazlaşykly bilelikdäki işler alnyp baryldy. Soňky ýyllarda olaryň hataryna Bütindünýä söwda guramasyny (BSG) hem goşsa bolar.

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, dünýä ykdysadyýetini dikeltmek, söwdany we maýa goýumlaryny höweslendirmek boýunça işlerde Bütindünýä söwda guramasy öz üstüne esasy wezipäni almalydyr. Türkmenistan ýakynda BSG-niň synçy derejesini alandygyny ugur edinip, şunuň bilen baglylykda, ählumumy ykdysadyýetdäki çökgünlik ýagdaýlaryny çalt ýeňip geçmek, ony oňyn depginli ösüşe geçirmek boýunça anyk çäreleri öňe ilerletmek üçin açylýan mümkinçilikleri netijeli peýdalanar.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 75-nji sessiýasynda hormatly Prezidentimiz tarapyndan beýan edilen başlangyçlar diňe bir Türkmenistanyň ilaty üçin durnukly ösüş maksatlaryny amala aşyrmaklygyň täze derejelerini we ugurlaryny özünde jemlemek bilen çäklenmän, eýsem olaryň Merkezi Aziýa sebitiniň ýurtlarynyň ählisiniň durnukly ösüşini üpjün etmeklige hem gönükdirilendir. Olaryň üstünlikli amala aşyrylmagy ählimiziň bolelin we bagtyýar durmuşda ýaşamagymyzyň kepilidir.

**Edebiýat:**

*1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda. — Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2018.*

*2. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 75-nji ýubileý mejlisine gatnaşyjylara wideoýüzlenmesi.*

# TÜRKMENISTANYŇ SEBIT WE DÜNÝÄ DEREJESINDÄKI SÖWDA-YKDYSADY GOŞULYŞMASYNYŇ MÖHÜM JÄHTLERI

**Orazjemal ÇARYÝEWA,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň uly mugallymy

Hemmetaraplaýyn ykdysady ösüşe beslenýän Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwri Türkmenistan Watanymyzyň sebit we dünýä derejesindäki söwda-ykdysady gatnaşyklarynyň barha işjeňleşmegi, bu hyzmatdaşlygyň netijeliliginiň yzygiderli ýokarlanmagy bilen häsiýetlenýär. Hojalyk gurluşynyň düýpli özgermegi, häzirki zaman dünýä ösüşiniň möhüm aýratynlygy hökmünde öňe çykýar, onda ýerli (sebitleýin we sebitara) we umumadamzat ähmiýetli başlangyçlar ösüşiň biri-beýlekisine çapraz däl-de, biri beýlekisiniň üstüni ýetirýän, biri-birine jüp sazlaşýan düzüm böleklerini emele getirýär.

Türkmenistanyň häzirki ykdysady ösüşiniň aýratynlyklary sebit derejesindäki hyzmatdaşlygyň yzygiderli giňeldilmegine we pugtalandyrylmagyna oňyn mümkinçilikleri döredýär. Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň (BMG) Merkezi Aziýa döwletleriniň ykdysadyýetleri üçin Ýörite maksatnamasynda (SPECA) alyp barýan işleriniň barha rowaçlanmagy, ýurdumyzyň bu ugurda öňe sürýän başlangyçlarynyň ilerlikli ösüşe kuwwatly itergi berýänliginiň aýdyň subutnamasy bolup hyzmat edýär. 2019-njy ýylda Türkmenistan bu abraýly halkara guramasyna başlyklyk etdi. SPECA guramasynyň düzümine Azerbaýjan, Gazagystan, Gyrgyzystan, Owganystan, Özbegistan, Täjigistan we Türkmenistan girýär.

SPECA-nyň çäginde hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlary hökmünde söwda we ulag ulgamlary görkezilýär. Bu ugurlar turuwbaşdan Birleşen Milletler Gu-



ramasy tarapyndan yglan edilen Durnukly ösüş maksatlaryny üstünlikli durmuşa geçirmegiň ygtybarly binýadyny kemala getirýär. Türkmenistan özünde bar bolan oňyn mümkinçilikleri nazara almak bilen, eksporta gönükdirilen ugurlaryň we önümçilikleriň gerimini giňeldýär, iri halkara bazarlaryna çykmaga bolan mümkinçilikleriniň artdyrylmagyna, ykdysady diwersifikasiýanyň we sebitde söwda üçin institutlaryň berkidilmegine aýratyn üns berýär, bu ulgamlary işjeň ösdürýär. SPECA-nyň düzümine girýän döwletleriň arasyndaky söwda-ykdysady gatnaşyklaryň möçberiniň ýylsaýyn ýokarlanýanlygyny hem bellemek bolar. Şeýlelikde, 2016-njy ýylda bu döwletleriň arasyndaky daşary söwda dolanyşygy 886 mln. Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň (ABŞ) dollaryna barabar boldy, 2017-nji ýylda bu görkeziji 982 mln. ABŞ dollaryna (2016-njy ýyl bilen deňeşdirilende 11% köp), 2018-nji ýylda - söwda dolanyşygy 1 mlrd. 113 mln. ABŞ dollaryna deň boldy (2017-nji ýyl bilen deňeşdireniňde 13,3% artdy). 2019-njy ýylyň 9 aýynyň dowamynda daşary söwda dolanyşygy eýýäm 1 mlrd ABŞ dollaryndan gowrak bolup, 2018-nji ýylyň dowamynda gazanylan görkezijiden köpeldi. Söwdanyň aglaba bölegi Owganystan, Özbegistan, Azerbaýjan, Gazagystan ýaly ýurtlaryň paýyna düşýär.

2019-njy ýylyň 18-21-nji noýabrynda Aşgabat şäherinde SPECA-2019 Günleri geçirildi. Forumyň netijeleri boýunça gazanylan möhüm sepgitleriň hatarynda şulary görkezmek bolar:

- Aşgabat Başlangyjy kabul edildi, şol sanda SPECA-nyň Maksatlaýyn gaznasynyň döredilmeginiň mümkinçiligine garalyp geçildi;
- SPECA-nyň Durnukly ösüş boýunça innowasion strategiýasy kabul edildi;
- SPECA-nyň söwda ýardam bermek boýunça strategiýasy, SPECA sebitinde durnukly söwda strategiýasy ara alnyp maslahatlaşyldy;
- söwda we ulag ulgamlarynda iş tertibiniň ýönekeýleşdirilmek meseleleri boýunça netijeli pikir alyşmalar guraldy; bu bolsa, öz gezeginde, SPECA sebitinde durnuklylygy ep-esli ösdürmäge ýardam berip biler.

SPECA düzümindäki ähli agza-ýurtlar we hyzmatdaşlar, ýagny BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasy we BMG-niň Aziýa Ýuwaş ummany üçin ykdysady we durmuş iş topary (ESKATO) tarapyndan mundan beýläk alnyp baryljak çäreler boýunça SPECA Maksatnamasynyň goldanylmagyny Aşgabatda geçirilen SPECA-2019 Günleriniň esasy netijesi hökmünde nygtamak bolar. SPECA-nyň Maksatnamasy sebitiň ähli ýurtlary üçin durnukly ykdysady ösüşi gazanmak ugrunda sebitleýin goşulyşma meselesinde möhüm orny eýeleýär.

Türkmenistanyň bu ugurda ileri tutýan maksatlary, amala aşyrýan möhüm wezipeleri sebit we sebitara derejesindäki ykdysady ösüşe goşmaça tizlik, kuwwatly badalga berýär. Hazarýaka we Merkezi Aziýa sebitlerinde ýerleşýän döwletleriň aglabasy ýangyç we elektroenergiýa serişdeleriniň eksportyny ösdürmekde uly mümkinçiliklere eýe bolup durýar. Geosyýasy taýdan iňňän amatly ýerleşýän Türkmenistan Ýewraziýa yklymynyň o diýen uzak bolmadyk we energiýa çig mallaryna we taýýar harytlaryna ýokary isleg bildirilýän sebitlerine aralaşmakda oňyn artykmaçlyklary üpjün edip bilýär, çünki ýurdumyz dünýäniň aragatnaşyk giňişliginiň aýrylmaz düzümi, iri logistik we ulag-üstaşyr merkezleriniň biri hökmünde möhüm orny eýeleýär. Türkmenistan sebitde bar bolan baý tebigy gorlary goňşy döwletlere we yklymlara iri möçberde eksport etmek bilen çäklenmän, energiýa eksportynyň ugurlarynyň diwersifikasiýalaşdyrylmagyna saldamly goşant goşýar. Şu ugurda energetika boýunça ilerlikli ösüşe itergi beriji güýç hökmünde hem hyzmat edip biler. Eýýäm häzirki döwürde üstünlikli durmuşa geçirilýän iri taslamalaryň biri hökmünde «Türkmenistan-Owganystan-Pakistan-Hindistan» transmilli gazgeçiriji taslamasyny görkezmek bolar. Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň öňe sürýän başlangyçlarynyň BMG-niň we dünýä bileleşiginiň hemmetaraplaýyn goldawyna eýe bolmagy şol taslamalaryň barha rowaçlanmagyna ýardam berýär.

Milli Liderimiziň parasatly baştutanlygynda Türkmenistan abraýly halkara guramalary, ilkinji nobatda Birleşen Milletler Guramasy hem-de onuň düzüm bölekleri, şeýle hem Ýewropa Bileleşigi bilen gatnaşyklaryny işeňňirleşdirýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň geljekde Bütindünýä Söwda Guramasynyň (BSG) düzümine girmek mümkinçiligi bilen bagly meselelere hemmetaraplaýyn garamagyň, bu wezipäniň dürli jähtlerini jikme-jik öwrenmegiň zerurlygy ähli aýdyňlygy bilen öňe çykýar. Bu bolsa, ýurdumyzyň dünýä giňişliginde täze derejä çykmagyna we geljekde dünýä bileleşiginiň ösen ýurtlarynyň arasynda mynasyp orny eýelemegine anyk şertleri döredýär. Ýörite şu maksat bilen döredilen Türkmenistanyň Bütindünýä söwda Guramasyna goşulmagy boýunça iş toparynyň öňünde ýurdumyzyň bu gurama geljekde girmegi bilen bagly meseleleri jikme-jiki öwrenmek, şonuň milli ykdysadyýetimiziň dürli ulgamlaryna ýetirip biljek täsirini seljermek, degişli teklipleri taýýarlamak wezipeleri goýuldy. Bu wezipeleriň üstünlikli amala aşyrylmagy geljekde Türkme-

nistanyň sebit we dünýä derejelerinde ykdysady ösüşe işjeň gatnaşmagyna, bazar giňişliginde özünde bar bolan oňyn bäsdeşlik artykmaçlyklaryndan netijeli peýdalanmagyna mümkinçilik berer.

Bütindünýä Söwda Guramasyna agza bolmaklyk köptaraply söwda gatnaşyklary babatynda ählumumy derejede ykrar edilen kadalaryň we ýörelgeleriň kabul edilmegini, degişli institusional mümkinçilikleriň kemala getirilmegini göz öňünde tutýar, onuň baş maksady bolsa daşary söwdanyň netijeli ösdürilmegine, iri möçberli maýa gorlarynyň akymynyň has-da güýçlenmegine, diwersifisirlenen ykdysadyýetiň kemala getirilmegine ýardam etmekden ybaratdyr. Türkmenistan üçin BSG-nyň düzümine goşulmaklyk söwda syýasaty babatynda düýpli özgertmelere badalganyň berilmegine alyp barar. Şeýle özgertmeler bütindünýä derejesindäki söwda gatnaşyklarynda bolup geçýän hadysalaryň has giňden, töwerekleýin we hemmetaraplaýyn hasaba alynmagyny talap edýär, şol bir wagtyň özünde şunuň ýaly özgertmeleriň netijeli amala aşyrylmagy üçin zerur bolan institusional gorlaryň emele getirilmegini aýrylmaz şerti bolup durýar. Bu şertler BSG-nyň öňe sürýän talaplarydyr, olaryň berjaý edilmegi bu abraýly guramanyň düzümine girmek baradaky resminamalar bukjasynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Bu ýerde baş maksat BSG-niň düzümine mümkin boldugyça gysga möhletde girmek däl-de, şonuň bilen bagly söwda düzgünleriniň, maýa goýum şertleriniň ýagdaýlaryny hemmetaraplaýyn seljermekden, söwda syýasaty ugurly edara gurluşlaryň ýardam bermeginde milli hukuk kadalarynyň BSG-nyň hukuk kadalaryna kybaplaşdyrylmagy bilen bagly kanunçylyk başlangyçlaryny işläp taýýarlamakdan ybarat.

2020-nji ýylyň 22-nji iýulynda Bütindünýä Söwda Guramasynyň Baş Geňeşinde bu iri möçberli, abraýly gurama tarapyndan ýurdumyza synçy derejesiniň berilmegi oňyn hyzmatdaşlyga açyk ykdysadyýetli Türkmenistan üçin ilerlikli ösüşiň täze belentliklerine giň ýol açýar:

- birinjiden, halkara söwda gatnaşyklarynyň birmeňzeş, bitewi kadalar esasynda düzgünleşdirilmegi döwletleriň arasynda özara bähbitleri düýpli esasda sazlaşdyrmaga mümkinçilik berýär.
- ikinjiden, halkara söwda-ykdysady giňişliginiň düýpli esasda düzgünleşdirilmegi, onda ýüze çykmak ähtimallygy saklanyp galýan jedelli ýagdaýlaryň öňüni almaga, çekeleşiki meseleleri agzybirlik bilen ýeňip geçmäge ýardam edýär.
- üçünjiden, Bütindünýä söwda guramasynyň öňe sürýän ýörelgelerine we kadalaryna goşulýan islendik döwlet halkara zähmet bölünişigine has işjeň, çuňdan aralaşmaga oňyn mümkinçilik aýar. Halkara zähmet bölünişiginde öz ornuny tapan döwletlere özüniň milli ykdysadyýetini gurluş taýdan düýpli özgertmegiň netijeli strategiýasyny kesgitlemäge, amala aşyrmaga we şol esasda pudaklaýyn ýörileşdirmäge giň ýol açylýar. Munuň özi halkara zähmet we söwda ýöriteleşmesiniň we kooperasiýasynyň ösmegine we çuňlaşmagyna alyp barýar.
- dördünjiden, dünýä söwdasynyň ählumumylaşmagy bäsdeşlik şertleriniň güýjemegine alyp barýar. Bu şertlerde milli ykdysadyýetiň barha çuňdan pudaklaýyn ýöriteleşmesi milli haryt öndürijileriň öňünde diňe bir içerki bazarda däl, eýsem halkara bazar giňişliginde-de özüniň bäsdeşlik ukybyny yzygiderli pugtalandyrmak zerurlygy bilen ýüzbe-ýüz edýär. Munuň özi milli harytlaryň önümçilik sanawynyň yzygiderli giňelmegine, hiliniň ýokarlanmagyna kuwwatly itergi berýär.
- bäşinjiden, BSG-da agzalyk milli hususyýetçilere daşary bazarlara barha ynamly çykmaga, bazar giňişliginde olaryň kanuny bähbitleriniň hukuk esasynda ygtybarly goralmagyny üpjün etmäge, ynsapsyz bäsdeşligiň oňaýsyz täsirlerinden sowa geçmäge oňaýly şertleri döredýär.
- altynjydan, bazar bäsdeşligi giňişliginde öz ornuňy berkitmek zerurlygy, milli telekeçileri milli önümçilikleriň tehniki-tehnologik binýadyny yzygiderli döwrebaplaşdyrmaga iterýär. Olar hemişe öňdebaryjy tehnologiýalaryň, ylmy işläp taýýarlamalaryň gözleginde bolýarlar, has ýokary öndürijilikli tehnikalaryň ýurda getirilmegine, uzagyndan bolsa olary döretmek maksady bilen, milli önümçilikleriň binýadynda ylmy-tehniki gözlegleri işjeňleşdirmäge, bu ugra iri maýalary gönükdirmäge höweslenýärler. Munuň özi tutuş ýurduň ylmy-tehniki, tehnologik-innowasiýalar ugry boýunça ilerlikli ösmegine saldamly goşant bolýar.
- ýedinjiden, BSG synçy-agzalyk Türkmenistana halkara maýa goýum işjeňligini has-da işjeňleşdirmekde, iri möçberli maýa goýum akymlarynyň gelmegini üpjün etmekde täze mümkinçilikleri açýar. Daşary ýurt maýalary eksport haryt akymlarynyň güýjemegine, daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagyndaky kärhanalaryň sanynyň köpelmegine, şol sanda daşary maýalaryň saldamly böleginiň ylym we tehnologiýa önümleri görnüşinde getirilmeginiň hasabyna, halkara ylym, tehnologik we innowasiýalar hyzmatdaşlygynyň has-da çuňlaşdyrmagyna goşmaça amtly şertleri döreder.
- sekizinjiden, BSG-yna synçy agzalyk milli haryt

öndürijileriň önümleri halkara bazarlara çykarylanda gümrük, salgyt, ýygym, ýörite ýygymlar we tutumlar meseleleriniň düýpli düzgünleşdirilmegine ýardam edýär, eksport edilýän harytlara gaýtadan salgytlaryň salynmagynyň öňüni almaga ýol açýar. Munuň özi harytlaryň baha babatyndaky bäsdeşlik ukybyny epesli ýokarlandyrýar.

- dokuzynjydan, BSG-yna synçy agzalyk garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzyň bu abraýly halkara guramasynyň resmi çärelerine gatnaşmagyna ýol açýar. Türkmenistan özüniň hoşmeýilli ýörelgesini halkara derejesinde dünýä bileleşigine hödürlemäge, ony wagyz etmäge we iş ýüzünde peýdalanmak boýunça täze döwletli başlangyçlary öňe sürmege ýene-de bir möhüm münbere eýe bolýar.

Iň esasysy bolsa, Türkmenistanyň BSG-yň düzümine synçy agza hökmünde kabul edilmegi, Gahryman Arkadagymyzyň dünýä ýüzünde alyp barýan hoşmeýillilik, hoşniýetli goňşuçylyk syýasatynyň belent ykrarnamasydyr, halkymyzyň birek-birege ynanyşmak, agzybirlik hem abadançylyk ýörelgeleriniň ýene-de bir ýola aýdyň dabaralanmasydyr. Munuň özi parahatçylyk döredijilik diplomatiýasynyň ýene-de bir işjeň mehanizmidir, dünýä gatnaşyklarynyň çylşyrymly häsiýete eýe bolýan häzirki şertlerinde bahasyna ýetip bolmajak gymmatly syýasy, ykdysady, medeni-durmuş hem ruhy-ahlak maýadyr.

Hemmetaraplaýyn ösüşe eýe bolýan Türkmenistan Bütindünýä söwda guramasynyň düzümine girmek üçin zerur bolan şertleriň ählisine eýedir. Atly-abraýly halkara we bütindünýä gurluşlary bilen netijeli gatnaşyklary barha giňeltmek bilen, ýurdumyz umumadamzat bähbitli hyzmatdaşlygyň hil taýdan täze derejelerine çykýar hem-de dünýä ýüzünde öz abraýyny yzygiderli pugtalandyrýar. Milli Liderimiziň başda durmagynda ýurdumyzy ösdürmegiň orta we uzak möhletli meýilnamalarynda milli ykdysadyýetiň pudaklaýyn we önümçilik düzümini diwersifikasiýalaşdyrmak, jemi senagat önüminiň düzüminde gaýtadan işleýän we sarp edilýän önümleri öndürýän pudaklaryň paýyny ösen tehnologiýaly hem-de ekologiýa taýdan arassa enjamlar bilen doly üpjün edilen senagat kärhanalaryny döretmek bellenilýär. Milli ykdysadyýeti diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek işi barha giň gerime eýe bolýar. Bu bolsa dünýä we içerki bazarlar üçin bäsleşige ukyply taýýar önümleri öndürmäge giň mümkinçilik berýär. Şol bir wagtda, söwda ulgamynda halkara gatnaşyklarynyň gerimini giňeltmek meseleleri ýurt Baştutanymyzyň hemişe üns merkezinde bolmagynda galýar.

Milli Liderimiziň taýsyz tagallalary bilen soňky ýyllarda dünýä döwletleriniň birnäçesinde Türkmenistanyň söwda öýleri işläp başlady, geljekde ýene birnäçesinde şeýle öýleri açmak meýilleşdirilýär. Ykdysady, söwda, maýa goýum, ylym we tehnika, bilim we medeniýet ulgamlarynda özara bähbitli gatnaşyklary has-da ösdürmek we çuňlaşdyrmak maksady bilen ýurdumyzda ýöriteleşdirilen hökümetara iş toparlary döredilýär. Häzirki wagtda ikitaraplaýyn hökümetara iş toparlarynyň çäklerinde Türkmenistan dünýä döwletleriniň onlarçasy bilen netijeli hyzmatdaşlygy ýola goýýar. Şeýle hyzmatdaşlygyň gözbaşynda bäsdeşlige ukyply milli önümleriň öndürilişini yzygiderli artdyrmak, maýalyk gorlary netijeli çekmek, öňdebaryjy «nou-hau» we iň täze tehnologiýalary ornaşdyrmak ýaly asylly maksatlar goýlandyr. Bu çäreleriň ählisi Türkmenistanyň daşary ykdysady strategiýasynda söwda-ykdysady ugra möhüm ornuň berilýänligine şaýatlyk edýär.

**Edebiýat:**

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy: Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. – T. I. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.*
2. *Türkmenistanda SPEKA günleri geçirilýär // «Türkmenistan». – 2019-njy ýylyň 18-nji noýabry.*
3. *Mälikgulyýewa A. Standartlaşdyrmak çärelerini tehniki taýdan düzgünleşdirmek ulgamyny bazar şertlerinde kämilleşdirmegiň geljegi uly bolan ugurlary // «Maliýe we ykdysadyýet». – 2020. - №2. – S. 9-12.*
4. *Дорожная карта по вступлению Туркменистана в ВТО: Макроэкономический проект USAID Делойтт Консалтинг. – Ноябрь, 2013 г.*

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BÝUJETI – ÝURDUMYZYŇ MÖHÜM MALIÝE RESMINAMASY

**Annamuhammet SARJAÝEW,**
Türkmenistanyň Mejlisiniň deputaty, Türkmenistanyň Mejlisiniň
Ykdysady meseleler baradaky komitetiniň başlygynyň orunbasary

Hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli durmuş-ykdysady strategiýasy Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan yglan edilen Durnukly ösüş maksatlaryna laýyklykda ykdysady, durmuş we ekologik jähtden ösüş ýörelgelerine esaslanyp alnyp barylýar. Şol ýörelgelerden ugur alnyp her ýyl üçin kabul edilýän ýurdumyzyň esasy maliýe resminamasy bolan Döwlet býujetiniň ähmiýetli orny uludyr. Şunda, bazar gatnaşyklary şertlerinde ýurdumyzda ylmy çemeleşmelere esaslanýan ynsanperwer durmuş-ykdysady syýasat alnyp barylýar, milli ykdysadyýetimiziň ähli ugurlarynda ýokary ösüş gazanmaga gönükdirilen milli maksatnamalarda ýurdumyzyň ýakyn geljekdäki ösüşiniň anyk ugurlary, olaryň durmuşa geçirilmeginiň ýollary kesgitlenilýär.

Ýurdumyzyň milli ykdysadyýetiniň pudaklarynda dowam etdirilýän düýpli özgertmeleriň netijesinde ýylyň-ýylyna täze önümçilik we durmuş maksatly desgalar, ýaşaýyş jaýlary gurlup ulanylmaga berilýär, ýüzlerçe kärhanalaryň we beýleki desgalaryň durky täzelenip döwrebaplaşdyrylýar, önümçilik binýady giňeldilýär, bu işleriň amala aşyrylmagynyň kanunçylyk-hukuk binýady pugtalandyrylýar. Milli Liderimiziň başda durmagynda işlenip taýýarlanylýan uzak möhletleýin maksatnamalardan gelip çykýan wezipeleri durmuşa geçirmekde, ilatyň abadançylygyny hem-de ykdysadyýetiň pudaklarynyň, ýurduň sebitleriniň ösüşini has-da ýokarlandyrmakda Türkmenistanyň Döwlet býujeti möhüm we esasy maliýe gurallarynyň biri bolup durýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2020-nji ýylyň 15-nji maýyndaky «Türkmenistanyň 2021-nji ýyl üçin Döwlet býujetini düzmek hakynda» Kararyna laýyklykda, «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna», hakyky mümkinçiliklere we emele gelmegine garaşylýan hasaplama görkezijilerine laýyklykda, ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri bilen bilelikde ýurdumyzyň durmuş-ykdysady taýdan ösmegine, halkyň hal-ýagdaýynyň ýokarlanmagyna gönüden-göni täsir edýän resminamanyň - döwletiň geljek ýyl üçin býujetiniň taslamasyny taýýarlamak boýunça möhüm işler geçirildi. Bu resminamanyň taslamasy işlenip düzülende Watanymyzyň durmuş-ykdysady ösüşine gönükdirilen maksatnamalarda kesgitlenilen möhüm wezipeler, şeýle-de ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň pudaklarynda gazanylan üstünlikler, 2020-nji ýylyň ahyryna çenli garaşylýan netijeler, geljek ýyl üçin öňde goýlan maksatlar, soňky döwürde Hökümet tarapyndan kabul edilen möhüm kararlar, kanunçylyk binýadynda bolup geçen üýtgetmeler nazara alyndy, geljekde olaryň üstünlikli amala aşyrylmagy üçin zerur bolan serişdeleriň artdyrylmagy göz öňünde tutuldy.

Hormatly Prezidentimiz şu ýylyň 23-nji oktýabrynda sanly wideoaragatnaşyk arkaly Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisini geçirdi. Giňişleýin mejlisiň gün tertibine 2021-nji ýyl üçin Döwlet býujetiniň hem-de ykdysadyýetimiziň dürli pudaklarynyň ösüşine gönükdirlen resminamalaryň taýýarlanan taslamalaryna seredildi. Şol mejlisde hormatly Prezidentimiz 2021-nji ýyl üçin Döwlet býujetiniň taslamasyny seretmek üçin Mejlisiň garamagyna ibermek baradaky resminama gol çekip, ýakyn wagtda milli parlamentiň maslahatynda ýurdumyzyň baş maliýe resminamasyna garamagyna düýpli ara alyp maslahatlaşmagyň we kabul etmegiň zerurdygyny nygtap geçdi. Bu wezipelerden ugur alnyp, Türkmenistanyň Mejlisiniň şu ýylyň 24-nji oktýabrynda geçirilen nobatdaky maslahatynda ýurdumyzyň milli kanunçylygynyň kämilleşdirilmegine we döwrebap-

laşdyrylmagyna gönükdirilip taýýarlanylan birnäçe kanunçylyk namalary bilen bir hatarda «Türkmenistanyň 2021-nji ýyl üçin Döwlet býujeti hakynda» Türkmenistanyň Kanuny hem deputatlar tarapyndan ara alnyp maslahatlaşyldy we biragyzdan tassyklanyldy.

Türkmenistanyň 2021-nji ýyl üçin Döwlet býujeti Türkmenistanyň milli maksatnamalaryny, ýurdumyzyň durmuş-ykdysady taýdan ösüşiniň we maýa goýum syýasatynyň esasy ugurlaryny, milli ykdysadyýetimiziň pudaklarynyň, sebitleriň öňünde durýan wezipeleri durmuşa geçirmekde nobatdaky tapgyry öz içine alýar. Geljek ýyl üçin Türkmenistanyň Döwlet býujeti, her bir maksatnamalaýyn resminama ýaly, ýurdumyzyň milli ykdysadyýetiniň pudaklarynda, sebitlerinde 2021-nji ýylda garaşylýan netijeler göz öňünde tutulyp düzüldi we onuň maksady ykdysadyýetiň pudaklarynda düýpli maýa goýumlary ýokary depginler bilen özleşdirmekden, ilatyň bähbitlerini goramak bilen durmuş ulgamynda we beýleki pudaklarda düýpli özgertmeleri üpjün etmekden, döwlet çykdajylarynyň netijeli ulgamyny döretmekden, raýatlaryň durmuş kepilliklerini pugtalandyrmakdan we birnäçe beýleki wezipeleri durmuşa geçirmekden ybaratdyr. Dünýä tejribesiniň görkezişi ýaly, döwlet ösüşiniň ýolunda oňyn netijeleri gazanmak üçin örän oýlanyşykly we dogry ýoly seçip almak wajypdyr. Hut şeýle çemeleşilýändigi üçinem, Türkmenistanyň Prezidentiniň ykdysady strategiýasynyň indi birnäçe ýylyň dowamynda uly üstünliklere eýe bolýandygy guwandyryjydyr.

2021-nji ýylda durmuş-ykdysady ösüşiň esasy strategik maksatlaryna laýyklykda öňdebaryjy tehnologiýalary, şeýle hem sanly ulgamy önümçilige giňden ornaşdyrmak arkaly senagat pudaklaryny ösdürmek, bäsdeşlik amatlyklaryny işjeňleşdirmek, Türkmenistanyň mundan beýläk hem depginli ösüşini saklamak, maýa goýum işjeňligidir innowasion ösüşi dowam etdirmegiň hasabyna önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak, kiçi we orta senagat kärhanalarynyň sanyny köpeltmegiň hasabyna zähmet serişdelerini artdyrmak we täze iş orunlaryny döretmek, ýurdumyza getirilýän önümleriň ornuny tutýan önümleri öndürýän önümçilikleri guramak we ýurduň daşyna iberilýän önümleriň öndürilýän möçberlerini artdyrmagyň hasabyna daşary söwda dolanyşygynyň ösmegini gazanmak, raýatlaryň durmuş taýdan goraglylygyny berkitmek we ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak üçin oňyn şertleri üpjün etmek göz öňünde tutulýar. Türkmenistanyň daşary bazarlara uglewodorod serişdelerini iri iberijileriň biri hökmünde ykrar edilendigi bilen baglanyşykly. 2021-nji ýylda ýurdumyzyň ýangyç-energetika, senagat, ulag-aragatnaşyk pudaklarynyň ösüşine aýratyn üns berler. Şunda, geljek ýylda ýurdumyzyň çäklerinde tebigy we ugurdaş gazyň çykarylyşynyň, elektrik energiýasynyň öndürilişiniň hem-de olaryň eksport edilýän möçberlerini artdyrmak, himiýa, dokma pudaklaryndaky önümçilik kuwwatlyklarynyň durkuny täzelemek we döwrebaplaşdyrmak bilen önüm öndürilişiniň möçberini ýokarlandyrmak, ýurdumyzyň üstaşyr geçirijilik mümkinçiliklerini netijeli peýdalanmak göz öňünde tutulýar.

2021-nji ýyl üçin Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň hasaplamalaryna laýyklykda, ýurduň jemlenen býujetiniň girdejiler we çykdajylar boýunça 79509,6 mln. manat möçberde kesgitlenildi. Şol sanda býujetiň salgytlardan we beýleki hökmany töleglerden emele gelýän birinji derejesiniň girdejileri we çykdajylary boýunça 23398,0 mln. manat möçberde meýilleşdirildi. Geljek ýyl üçin Türkmenistanyň Döwlet býujetine gelip gowuşjak serişdeler barada aýdylanda, olar maliýe ýylynyň dowamynda fiziki we ýuridik şahslar tarapyndan töleniljek salgytlaryň, ýygymlaryň we beýleki tölegleriň hasabyna emele getiriler. Şeýle hem býujetiň I derejesiniň girdejile-



rinde döwlet eýeçiligindäki kärhanalary, desgalary we ýaşaýyş jaýlaryny hususylaşdyrmakdan, döwlet gazna obligasiýalaryny ýerlemekden gelip gowuşjak serişdeler hem göz öňünde tutuldy.

Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen hususy telekeçilere berilýän ählitaraplaýyn goldawyň netijesinde soňky ýyllarda hususyýetçiligiň ösdürilmegi, bäsdeşlige ukyply telekeçileriň we senagatçylaryň köpelmegi hem-de milli ykdysadyýetimiziň pudaklarynda olaryň netijeli işleri alyp barmaklary üçin ähli şertler döredilýär. Geljek ýyl ýurdumyzda kiçi we orta telekeçiligi mundan beýläk-de höweslendirmek we işjeňleşdirmek üçin döwlet goldawyny bermek arkaly hususyýetçiligi ösdürmek we jemi içerki önümde döwlete degişli däl eýeçiligiň paýyny (ýangyç-energetika toplumyny hasaba almazdan) 70,6 göterime ýetirmek maksat edinilýär. 2021-nji ýyl üçin ýurdumyzyň jemlenen býujetiniň çykdajy böleginiň möçberinde göz öňünde tutuldy. Türkmenistanyň 2021-nji ýyl üçin Döwlet býujetinde halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmak üçin durmuş maksatly ulgama aýratyn üns berildi we bu ulgama gönükdirilýän serişdeleriň paýy 75,5% meýilleşdirilýär.

Türkmen raýatlarynyň maddy-hal ýagdaýynyň has-da ýokary derejesini üpjün etmek üçin, Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň degişli Permanyna laýyklykda, 2021-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan Türkmenistanda zähmet haklarynyň, pensiýalaryň, döwlet kömek pullarynyň, talyp we diňleýji haklarynyň möçberleri 10% ýokarlandyrylyp meýilleşdirilen. 2021-nji ýylda ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda düýpli maýa goýumlaryny ýokary depginler bilen özleşdirmäge, ilatyň bähbitlerini goramak bilen durmuş ulgamynda we beýleki pudaklarda düýpli özgertmeleri üpjün etmäge, raýatlaryň durmuş kepilliklerini pugtalandyrmaga, Türkmenistanyň ähli sebitlerinde döwrebap amatlyklary emele getirmäge, esasan-da, raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň gowulanmagyna, ilatyň arassa agyz suwy bilen üpjün edilmegine, şeýle-de milli önüm öndürijilerimiziň höweslendirilmegine, uglewodorod serişdeleri çygryndan uglewodorod däl serişdeler çygryna geçilmegine, ýerli çig mal serişdeleriniň gaýtadan işlenilmeginiň hasabyna importyň ornuny tutýan önümleriň öndürilişiniň ýola goýulmagyna gönükdirilen maksatnamalaryň esasy düzgünleriniň durmuşa geçirilmegi üçin zerur bolan maliýe serişdeleri göz öňünde tutuldy.



2021-nji ýylda Türkmenistanyň maýa goýum syýasaty maýa goýumçylar üçin mümkin boldugyça amatly şertleri döretmäge we telekeçilik işini alyp barmagyň guramaçylyk-hukuk şertlerini kämilleşdirmäge, iň täze enjamlar bilen enjamlaşdyrylan we dünýä bazarynda bäsleşige ukyply önümleri öndürýän, eýeçiligiň dürli görnüşindäki häzirki zaman kärhanalary döretmäge, göni daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmäge gönükdiriler. 2021-nji ýylda ýurduň ykdysadyýetine uly möçberlerde maýa goýum gönükdirmek meýilleşdirilýär.

Geljek ýyl ýurdumyzyň ähli sebitlerinde ýaşaýyş jaýlarynyň, şol sanda raýatlaryň durmuş goraglylygyny has-da pugtalandyrmak maksady bilen, hormatly Prezidentimiziň ynsanpwerwer ýörelgelerinden we tabşyryklaryndan ugur alyp aýratyn mätäçlik çekýän adamlar üçin welaýatyň etraplarynda we şäherlerinde ýaşaýyş jaýlaryny gurmak üçin serişdeler döwlet hem býujetinde göz öňünde tutulýar. Umuman, geljek ýyl üçin Türkmenistanyň Döwlet býujeti milli ykdysadyýetimiziň pudaklaryny, şeýle hem sebitleri has-da batly depginler bilen we sazlaşykly ösdürmegi, ilatyň durmuş hal-ýagdaýynyň has-da gowulanmagyny göz öňünde tutýar, döwletiň ýakyn we uzak döwür üçin maksatlaryna hyzmat etmek bilen, Türkmenistanyň ykdysady ösüşi, halkymyzyň abadançylygynyň ýokarlanmagy üçin ygtybarly binýady döredýär.

# DÖWLET BÝUJETI – MILLI YKDYSADYÝETI KADALAŞDYRMAGYŇ ESASY MALIÝE GURALY HÖKMÜNDE

**Maýagözel ANNAMUHAMMEDOWA,**
**Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy**

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň Watanymyzyň gülläp ösmegine, ykdysady kuwwatynyň has-da berkemegine, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň mundan beýläk-de ýokarlandyrylmagyna gönükdirilen tagallalary, şeýle-de abadançylyk, parahatçylyk, hoşniýetli goňşuçylyk, deňhukukly we özara bähbitli halkara hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan oýlanyşykly beýik başlangyçlary rowaçlyklara we üstünliklere beslenýär.

Ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň öňde goýan maksatlaryny durmuşa geçirmegiň esaslary hökmünde «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyny», «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň. şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki Milli Maksatnamasyny», «Türkmenistanyň ykdysady, maliýe we bank ulgamlaryny ösdürmegiň 2019-2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasyny», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyny» hem-de beýleki milli, döwlet, sebitleýin we pudaklar boýunça maksatnamalary görkezmek bolar.

Bu maksatnamalardan ugur alyp, hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzy mundan beýläk-de ykdysady taýdan ösdürmek we şonuň esasynda halkymyzyň maddy hal-ýagdaýyny yzygiderli ýokarlandyrmak boýunça ylmy we nazaryýet pikirgaraýyşlaryň, halkara we sebit bähbitli başlangyçlarynyň durmuşa ornaşdyrylmagyna gönükdirilen ykdysady syýasatyň düzüm bölegi bolan býujet syýasaty ýurdumyzda maliýe durnuklylygyny, durmuş-ykdysady ösüş üçin maliýe höweslendirmelerini döretmegi üpjün etmäge gönükdirilen döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň birine öwrülýär. Milli Liderimiz Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň ýakynda geçirilen taryhy mejlisinde eden çykyşynda, hususan-da, şeýle belledi: «Esasy maliýe guralymyz bolan Döwlet býujetine serişdeleriň gelip gowuşmagyny üpjün etmelidiris. Sebäbi amala aşyrylýan ýaşaýyş-durmuş ugurly maýa goýumlarymyzyň aglabasy Döwlet



býujetiniň hasabyna ýerine ýetirilýär. Döwlet býujetiniň serişdeleriniň 70 göteriminden gowragyny durmuş maksatly ugra, şol sanda welaýatlarda obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň, etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek işlerine gönükdirýäris. Geljek ýyl hem Döwlet býujetiniň hasabyna welaýatlarda hem-de paýtagtymyzda maýyplar we goldawa mätäç raýatlar üçin ýaşaýyş jaýlaryny gurmagy dowam etdireris».

Türkmenistanyň sazlaşykly depginde ösýän ykdysadyýeti, onuň durmuş ulgamynyň ýokary derejedäki ösüşi, ilatymyzyň maddy hal-ýagdaýynyň hem-de ýaşaýyş derejesiniň yzygiderli ýokarlandyrylmagy biziň ýurdumyzyň dünýäniň ykdysady ulgamyna düýpli goşulyşmagy üçin ähmiýetli esaslary kesgitleýär.

Döwlet býujetini öwrenmegiň barşynda onuň mazmunyny ykdysady kategoriýa hökmünde ýüze çykarmak, esasy häsiýetlerini, wezipelerini beýan etmek, döwlet gaznalaryny emele getirmegiň çeşmelerini we ugurlaryny seljermek, jemgyýetiň durmuş-ykdysady ösüşi üçin maliýe binýady hökmünde ornuny kesgitlemek zerurdyr. Döwlet býujetini öwrenmek işiniň maksady döwlet býujeti, döwlet býujetiniň girdejileri we çykdajylary, býujet ýetmezçiligi, býujet artykmaçlygy ýaly düşünjeleri öwrenmekden ybarat.



Býujet syýasatynyň mazmuny býujetiň artykmaçlygyny, býujet ýetmezçiliginiň ýüze çykmagyny, ony maliýeleşdirmegiň ýollaryny, döwlet býujetini we onuň mehanizmini deňleşdirmekden, döwlet býujetini düzgünleşdirmekden ybaratdyr.

Döwlet býujeti, býujet ulgamynyň esasy baglanyşygy hökmünde, döwletimizde durmuş-ykdysady düzgünleşdirmeleri amala aşyrmaga mümkinçilik berýän möhüm gurallaryň biridir. Ykdysady kategoriýa hökmünde döwlet býujeti, bir tarapdan, kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň arasyndaky ykdysady gatnaşyklar ulgamy, beýleki tarapdan bolsa, milli girdejiniň paýlanyşy we gaýtadan paýlanyşy, merkezleşdirilen milli girdejileriň döredilmegi bilen baglanyşyklydyr. Býujetiň düýp manysy, beýleki ykdysady kategoriýalar ýaly, öz wezipeleriniň bolmagy bilen ýüze çykýar. Jemgyýetiň durmuş-ykdysady ösüşinde döwlet býujetiniň ornuny ykdysadyýetiň ösüşine täsir edýän, durmuş meselelerini çözmekde uly orun tutýan gural hökmünde suratlandyrmak bolar.

Döwlet býujeti döwletiň meýilnama döwri üçin maliýe meýilnamasy bolup durýar, onda gelip gowuşmaly girdejileriň we döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň işini üpjün edýän çykdajylaryň maliýeleşdirilmeli möçberleri, maýa goýum we innowasion işiň maliýeleşdirilişi kesgitlenýär.

Bu bolsa, öz gezeginde, hormatly Prezidentimiziň ylma esaslanýan ykdysady taglymatlaryna daýanyp, geljek döwürlerde hem dünýä maliýe-ykdysady çökgünliginiň ýetirip biljek oňaýsyz täsirlerini aradan aýyrýan, oýlanyşykly býujet syýasatynyň işlenip düzülmegi esasynda ýokary netijeli bazar özgertmelerini amala aşyrmaklygyň dowam etdirilmegine ýardam edýär.

**Edebiýat:**

*1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy: Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. – I tom. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.*

*2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda. - Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2018.*

*3. Internet-maglumatlary.*

# TEHNIKI WE YKDYSADY GÖRKEZIJILERIŇ ESASYNDA UGLEWODOROD SERIŞDELERINI ÇYKARMAK

**Batyr MÄMMEDOW,**
Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň okuw işleri boýunça prorektory,
tehniki ylymlaryň kandidaty
**Mergen AMANOW,**
Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň uly mugallymy



Deňiz ýalpagyndaky nebit ýataklaryny özleşdirilmek işi deňiz sebitiniň özbolușly ýagdaýlary arkaly şertlendirilen birnäçe aýratynlyklar bilen häsiýetlendirilýär. Demirgazyk Goturdepe ýaly köp gatlakly nebit ýataklarynda gutarnykly ýokary görkezijileri gazanmak üçin önümli gatlaklary suwlulanmakdan ozal özleşdirmegi tamamlamak zerurdyr.

Kese burawlama usuly ulanylanda köp ýataklardaky önüm berijiligi dik burawlanan guýulary bilen deňeşdirilende birnäçe (kähalatlarda onlarça) esse ýokarlanýandygyny bellemek gerek. Mysal üçin, bu usul Raspo-Mare (Italiýa) ýatagynda ulanylanda, nebitiň debiti şol ýataklardaky kese guýularyndaky debitden 15 esse ýokary boldy. Şeýlelik bilen çüwdürimli, gazlift ýa-da çuňlukdaky sorujy usullaryň haýsysynyň ulanylýandygyna garamazdan, guýynyň netijeli ulanylyşynyň üpjün edilmegi üçin ýapgyt gönükdirilen guýuny burawlamagyň zerurlygy äşgär bolýar.

Deňiz ýalpagyndaky ýataklary özleşdirmegiň netijelerini meýilleşdirmek we bahalandyrmak üçin burawlamakda we enjamlaşdyrmakda bolşy ýaly, ulanyşda hem tehniki we ykdysady görkezijiler ulgamy döredilýär. Burawlamakda bu görkezijiler buraw kärhanalarynyň işiniň dürli taraplaryny nebit guýularyny gurmagyň ähli basgançaklarynda şu aşakdaky esasy ugurlary bilen häsiýetlendirilýär: göwrümi, buraw işleriniň depgini, ykdysady görkezijileri we guýy gurluşygynyň wagty. Möhüm ykdysady görkezijileriň biri kärhananyň önüm öndürmekde we ýerlemekde eden çykdajylaryny pul görnüşinde görkezýän guýynyň gurluşygynyň özüne düşýän gymmatydyr. Umumy görnüşde özüne düşýän gymmat derejesi kärhananyň ykdysady önümçilik işleriniň dürli taraplaryny häsiýetlendirýär: işiň tehniki-tehnologik we guramaçylyk ýagdaýy, hojalygy dolandyryş ýollary we usullary, material, zähmet we maliýe çeşmelerini tygşytly ulanmagyň derejesi we ş.m. Önüm öndürmek bilen bagly ähli çykdajylar ykdysady düzümler (önümçilik harajatlary) we çykdajy bölegi (özüne düşýän gymmaty hasaplamak) toparlara bölünýär. Hasaplamalar önümleriň aýratyn görnüşleriniň özüne düşýän gymmatyny kesgit-

lemäge, şeýle hem bu gymmatyň haýsy şertleriň täsirinde emele gelendigini anyklamaga mümkinçilik berýär. Başga bir möhüm görkeziji burawlamagyň barşynda işiň göwrümini häsiýetlendirýän metrlerdäki geçişdir. Bu görkezijini ulanmagyň ýönekeýligi, ony islendik aralykda we islendik senenama döwri üçin ýerine ýetirilen işleriň göwrümini bahalandyrmakda ulanmaga mümkinçilik berýär. Bu görkeziji burawlamagyň tizligini, 1 m geçişiň gymmatyny, zähmet öndürijiligi we ş.m. ululuklar hasaplanylanda esasy görkeziji bolup durýar.

Şeýlelik bilen, burawlamagyň tehniki we ykdysasy netijeliliginiň üýtgeýşini öwrenmek we niliň egriligine baglylykda, ýapgyt gönükdirilen guýylaryň gurluşygy üçin tehniki we ykdysady netijeliligiň görkezijisi hökmünde guýunyň niliniň 1 m aralygyna deň gelýän udel çykdajylar alyndy.

1-nji suratda burawlamagyň ýokarda görkezilen usullar bilen kesgitlenen udel çykdajylaryň iň ýokary gyşarma burçuna baglylygy görkezilýär. Bu ýerden görnüşi ýaly, iň ýokary gyşarma burçunyň ýokarlanmagy bilen burawlamakda udel çykdajylar hem ep-esli artýar.

Şeýle-de bolsa, bu baglylyk ýapgyt gönükdirilen guýularyň profiline baglylykda, ýataklaryň enjamlaşdyrylmagynyň tehniki we ykdysady görkezijileriniň üýtgeme prosesiniň diňe belli bir bölegini görkezýär.

**1-nji surat.**
**Burawlamakda udel çykdajylaryň gyşarmanyň iň ýokary burçuna baglylygy**




Biziň ýurdumyzda bolşy ýaly, daşary ýurtlaryň nebit we gaz ýataklarynyň aglabasy köp gatlakly bolup durýar. Şol bir wagtyň özünde, önümli gatlaklary biri-biriniň ýokarsynda, gat-gat görnüşde ýerleşýär. Her bir aýratyn gatlaga burawlanan guýularyň özbaşdak torlary bilen şunuň ýaly ýataklary özleşdirmek, oýlanyşykly özleşdirmek nukdaýnazaryndan has ileri tutulýan işleriň biri bolup durýar. Şeýle-de bolsa, nebit ýataklaryny özleşdirmek tejribesi ähli maýa goýumlarynyň ýarysyndan gowragynyň guýularyň burawlanmagyna sarp edilýändigini görkezýär. Şonuň üçin her bir gatlak üçin guýularyň özbaşdak torlary bilen köp gatlakly ýataklaryň özleşdirilmegi ägirt uly maliýe çykdajylary talap edip, hemişe özüni tehniki we ykdysady taýdan ödäp bilmeýär. Şonuň üçin, köplenç, köp gatlakly ýataklary özleşdirmekde birnäçe önümli gatlaklar bir önümli desgasyna birleşdirilýär. Bu bolsa, ýatagyň özleşdirme möhletini azaltmaga, guýulary burawlamak we ýataklary enjamlaşdyrmak üçin maýa goýumlaryny azaltmaga mümkinçilik berýär.

Köp gatlakly ýataklary bir guýy arkaly bir wagtda aýratyn ulanmak (mundan beýläk — BAU) usuly bilen özleşdirilýär. Känleri özleşdirmegiň anyk geologik we tehniki şertlerine, guýularyň tehniki we ulanyş häsiýetlerine baglylykda häzirki wagtda bar bolan BAU çyzgytlarynyň biri ulanylýar.

BAU usuly arkaly bir guýy bilen iki gatlagyň ulanyş tejribesi onuň ýokary netijeliligini görkezýär. Her bir gatlak üçin özbaşdak torlary bolan ýataklaryň ulanylyşy we burawlanmagy üçin gerek bolan çykdajylar bilen deňeşdirilende, düýpli maýa goýumlar we ulanyş çykdajylary ortaça 30% kemelýär. BAU usuly burawlamagyň goşmaça meýdanyny talap etmän, guýylaryň (ulanyş we batlandyryjy) toruny dykyzlandyrmaga mümkinçilik berýär.

Bir wagtda aýratyn ulanmak tehnologiýasyny peýdalanmagyň oňyn täsiri önümçilik desgalarynyň her biri üçin guýy gurluşygyndaky düýpli maýa goýumlarynyň azalmagynda, köp gatlakly ýataklary özleşdirmek döwrüniň gysgalmagynda we ulanyş çykdajylarynyň azalmagynda, uglewodorodlaryň çykarylyşynyň ýokarlanmagynda we guýularyň düşewüntli işlemegi bilen, nebiti berijiliginiň söňky möhletinde ýüze çykýar. Mundan başda-da, bu tehnologiýanyň ulanylmagy guýydaky enjamlaryň ulanyş koeffisientleriniň ýokarlanmagyna we guýydaky gurnawyň ygtybarlylygyna ýardam berýär.

Hasaplamalaryň maksady Demirgazyk Goturdepe ýatagyndaky BAU esaslanýan özleşdirmegiň netijeliligini ýokarlandyrmagyň ykdysady täsirini bahalandyrmakdyr. Bu ýerde ekologiýa we daşky gurşawyň talaplaryny berjaý etmek bilen, ýataklardaky nebit gorlaryny mümkin bolan iň köp

möçberde çykarmak ähtimallygyndan aňrybaş ýokary ykdysady peýda görmek şertine laýyk gelýän 147, 37, 156, 200 belgili dört sany guýy barlanyldy.

Goşmaça gazylyp alnan nebitiň ykdysady netijeliligi ykdysady ölçeg hökmünde hereket edýän görkezijileriň hasaplaýyş ulgamy bilen bahalandyrylýar.

Ykdysady netijeliligine baha bermek üçin aşakdaky bahalandyryş görkezijileri ulanylýar:

- goşmaça nebiti çykarmak üçin ulanyş çykdajylary;
- goşmaça çykarylan nebiti ýerlemekden alnan girdeji;
- goşmaça çykarylan nebiti ýerlemekden alnan peýda.

Ýerlemekden alynýan peýda ($P_ý$) – amortizasiýa tutumlary hem-de býujet we býujetden daşary gaznalara iberilýän salgytlaryň umumy mukdaryny öz içine alýan ulanyş çykdajylarynyň mukdary bilen kemelen kärhananyň umumy girdejisi.

Ulanyş çykdajylary udel çykdajylara we göwrümli tehnologik görkezijilere laýyklykda şu aşakdaky düzümleriň çäginde hasaplanýar:

- suwuklyklary çykarmakda energiýa çykdajylary;
- nebiti ýygnamak we daşamak;
- nebiti tehnologik taýdan taýýarlamak;
- abatlaýyş işlerini alyp barmagyň çykdajylary;
- amortizasiýa tutumlary we ş.m.

Şeýlelik bilen, berlen ýerde BAU synagy geçirilenden soň bu dört guýydan alnan önüm mukdary ($\Delta Q_n$) guýularyň sanyny 8-e çenli azaltmaga mümkinçilik berdi. Alnan nebit önüminiň mukdaryny adaty çyzgyt boýunça gazanmak üçin 12 guýy, BAU tehnologiýasy boýunça bolsa, bary-ýogy 4 birlik gerek bolardy, ýagny 8 guýy tygşytlanýar.

Ýokarda agzalyp geçilen maglumatlara esaslanyp, bu ylmy oýlap tapyşy iş tejribesine ornaşdyrmak arkaly, nebit berijiligiň ýokarlanmagyndan harytlyk nebitiň goşmaça ýyllyk önümçiligini aşakdaky formula laýyklykda hasaplanyldy:

$$\Delta Q_{ýyl} = Q_{giriz.soň} - Q_{giriz.öň}; \quad (1)$$

Bu ýerde:

$Q_{giriz.soň}$ – ornaşdyrmakdan soň çykarylan, m³/gije-gündiz;

$Q_{giriz.öň}$ – ornaşdyrmakdan öň çykarylan, m³/gije-gündiz.

Mundan soň ykdysady görkezijileri hasaplamak işi amala aşyrylýar. Şeýlelikde, (2) formulanyň kömegi bilen önümi ýerlemekden alnan girdejini kesgitleýäris. Ýerlemekden alnan girdeji (Gt) nebit we nebitli gazyň satuw bahasynyň önümi hökmünde t-nji ýylda öndürilýän mukdaryna köpeltmek hasyly bilen kesgitlenilýär:

$$G_t = B \times Q_{ni}; \quad (2)$$

Bu ýerde B – GBS-syz nebitiň bahasy, manat /tn;

$Q_{ni}$ – nebitiň çykarylyşy, müň tn;

Önümi ýerlemekden alnan girdeji anyklanylandan soň, önümi ýerlemekden alnan peýdany tapýarys. Ýerine ýetirilen wariant boýunça esasy çykdajylaryň mukdary ($Ç_m$) BAU tehnologiýaly dört sany guýynyň (ýagny №№147, 37, 156, 200) bahasyndan kesgitlenilýär.

Şeýlelik bilen, nebitiň içerki bazardaky satuw bahasyny, şeýle-de daşarky bazarda satylmagyny göz öňünde tutýan ($Y_{n.2}$), tölegleri we salgytlary aýyrmazdan, BAU ylmy oýlap tapyşynyň ornaşdyrmakdan umumy ykdysady netijelilik ($Y_{n.1}$) hasaplanylýar.

**Edebiýat:**


1. *Derýaýew A. R., Gulatarow H. G., Hallyýew E. Günbatar Türkmenistanda çylşyrymly we ekstremal dag-geologiýa şertlerinde has çuň guýylary gazmagyň meseleleri //Türkmenistanyň nebitli we gazly känleriniň geologiýasy, burawlanylyşy we işlenilip geçilişi: Makalalar ýygyndysy. — A.: Ylym, 2011. — 10-23 sah.*

2. *Derýaýew A.R. Günorta–Günbatar Türkmenistanyň Demirgazyk Goturdepe käninde ýapgytlaýyn ugrukdyrylyp gazylan ilkinji agtaryş guýysynyň burawlanyşy/ «Nebitgazylmytaslama» institutynyň makalalar ýygyndysynyň 3-nji (30) goýberilişi. — 2014.*

3. *Derýaýew A.R., Esedulaýew R. Nebitgazly gatlaklary birwagtda aýratynlykda özleşdirmek usulynda burawlama tehnologiýasynyň esaslary: Ylmy monografiýa. — Aşgabat: Ylym, 2017.*

4. *А.Х. Мирзаджанзаде. Методическое руководство по улучшению технико-экономических показателей эксплуатации наклонно направленных скважин и совершенствованию разработки. — Баку: АзСу, 1990. – 52 с.*

# KÄRHANA ÖNÜMÇILIGINIŇ GÖWRÜMINIŇ WE ÖNÜMLERINIŇ (IŞLERINIŇ, HYZMATLARYNYŇ) ÝERLEŞDIRILIŞINIŇ SELJERMESI

**Döwletmyrat AMANNAZAROW,**
**Hojimuhammet NURYÝEW,**
Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymlary

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň üstünlikli durmuşa geçirýän döwlet syýasatyna laýyklykda ýurdumyzyň önümçilik pudaklary sazlaşykly ösdürilýär. Täze kärhanalaryň gurulmagy we hereket edýän kärhanalaryň maddy-enjamlaýyn binýadynyň döwrebaplaşdyrylmagy netijesinde ykdysady taýdan bähbitli täze önümçilik kuwwatlyklarynyň gurulmagy, ylmy-tehniki we işgärler mümkinçilikleriniň berkidilmegi, önümleriň mahabat işiniň kämilleşdirilmegi milli önümleriň içerki we daşarky bazarlardaky bäsdeşlige ukyplylygyny pugtalandyrýar. Daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümçiligiň görnüşlerini we möçberini artdyrmak, ýurdumyzyň eksport kuwwatyny pugtalandyrmak hormatly Prezidentimiziň milli ykdysadyýetimiziň önümçilik kuwwatyny artdyrmak babatdaky öňde goýýan esasy wezipeleriniň biri bolup durýar. Şunlukda, ýurdumyzda önümçiligiň göwrümini giňeltmek we oňa seljerme geçirmek işlerini dogry guramak zerurdyr.

Önümçiligiň göwrümi kärhanada esasy görkezijileriň biri hökmünde häsiýetlendirilýär. Ýerleşdirilen önümiň göwrümi, önümiň özüne düşýän gymmaty, peýdanyň mukdary, düşewüntliligiň derejesi, kärhananyň maliýe ýagdaýy, onuň tölege ukyplylygy we beýleki ykdysady görkezijiler hem önümçiligiň göwrümine baglydyr. Seljermäniň esasy maksady ýerleşdirilen önümleriň möçberini bäsdeşleriňkä garanyňda ýokary bolmagy we kärhananyň önümçilik kuwwatyny doly derejede ulanmak arkaly bazardaky tutýan ornuňy giňeldip, netijede peýdany ýokarlandyrmak üçin dürli ýollary gözläp tapmakdan ybaratdyr. Önümçiligiň göwrüminiň we önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) ýerleşdirilişiniň toplumlaýyn seljermesiniň esasy wezipesi kärhananyň bäsdeşlik ýagdaýy we bazaryň üýtgeýän şertlerinde önümçiligi çeýe dolandyrmak ukybyny seljermekden ybarat bolup durýar. Bu umumy wezipe aşakdaky seljeriş meselelerini çözmek arkaly amala aşyrylýar:

1. Dinamikadaky üýtgeşmelere, önümleriň öndürilişiniň we ýerleşdirilişiniň çak edilýän mukdarynyň ýerine ýetirilişine ulgamlaýyn gözegçilik etmek;
2. Şertnamalaryň ýerine ýetirilişine, önümleriň ýerleşdirilmeginiň sazlaşygyna, önümçiligiň toplumlaýynlygyna baha bermek;
3. Önümçiligiň we satuwyň mukdaryna täsir edýän ýagdaýlary kesgitlemek;
4. Obýektiw we subýektiw şertleri göz öňünde tutup, önümçiligi we satuwy artdyrmak üçin mümkinçiliklerden peýdalanmak boýunça kärhananyň işine baha bermek;
5. Önümi öndürmek we ýerleşdirmek üçin kesgitlenen ätiýaçlyklaryň mukdaryny artdyrmak boýunça çäreleri işläp düzmek.

Önümçiligiň gurluşynyň üýtgemegi ähli ykdysady görkezijilere, ýagny önümiň gymmatyna, material talap edijiligine, harytlaryň özüne düşýän gymmatyna, peýda we düşewüntlilige öz täsirini ýetirýär. Önümçilikde has gymmat bahaly önümleriň udel agramy artýan bolsa, onda gymmaty boýunça önümiň mukdary ýokarlanar ýa-da tersine bolup biler. Girdejiniň ululygy bolsa, girdejili önümleriň udel agramy artanda we şoňa görä udel agramy azalanda üýtgeýär. Önümçilik meýilnamasy 5% ýerine ýetirilmändir we meýilleşdirilen gurluş bozulypdyr. Eger-de doly ýerine ýetirilen bolsa, meýilnama bahalarynda önümçi-

Tablisa №1.

**Harytlyk önümleriň gurluşynyň seljermesi**

| Önümler | Önümiň lomaý bahasy, man | Öndürilen önümiň möçberi, sany | | Önümiň gurluşy | | Önümiň goýberilişi meýilnamadaky bahalarda, man | | | Gurluşyň üýtgemegi netijesinde önümiň goýberilişiniň tapawudy, man. |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | meýilnama | hakyky, % | meýilnama, % | hakyky, % | meýilnama | hakyky meýilnamanyň gurluşynda | hakyky | |
| A | 3500 | 10000 | 12000 | 50,00 | 63,2 | 35000 | 33250 | 42000 | +8750 |
| B | 2000 | 10000 | 7000 | 50,00 | 36,8 | 20000 | 19000 | 14000 | -5000 |
| Σ | - | 20000 | 19000 | 100,0 | 100,0 | 55000 | 52250 | 56000 | +3750 |

ligiň umumy mukdary 52250 man bolardy.

Hakyky gurluş ondan 3750 man ýokary. Bu umumy önümde has gymmat önümleriň paýynyň artandygyny aňladýar. Şol bir netijäni has ýönekeý usulda, ýagny göterim tapawudynyň usuly bilen hem alyp bolýar. Munuň üçin çykdajylaryň (Kg=56000:55000=1,018) we şertli natural önümleriň mukdaryna görä hasaplanylýan önüm öndürmek meýilnamasynyň ýerine ýetiriliş koeffisientleriniň arasyndaky tapawut köpelýär (Kn=19000:20000=0,95), önümleriň meýilnamalaşdyrylan önümi üçin:

$$\Delta GÖ = (Kg - Kn) * GÖm = (1,0182 - 0,95) * 55000 = +3750 \text{ man.}$$

Önümçiligiň umumy mukdary boýunça meýilnama doly ýa-da artykmaç ýerine ýetirilip bilner. Ýöne bu heniz önümçilik meýilnamasynyň önümleriň ähli düzümi üçin ýerine ýetirilendigini aňlatmaýar. Önümiň göwrümi baradaky meýilnamanyň ýerine ýetirilmegi ýa-da artykmaç ýerine ýetirilmegi, bir önüm boýunça meýilnamadaky möçberi ýerine ýetirmän, başga bir önümiň meýilnamada göz öňünde tutulandan aşa köp öndürilmegi netijesinde üpjün edilip bilner. Buýruk-administratiw ykdysadyýet şertlerinde meýilnamanyň ýerine ýetirilişiniň seljermesi döwlet tarapyndan ýa-da wekilçilik edilýän ýokary guramalar tarapyndan amala aşyrylýardy. Häzirki wagtda kärhana harytlar bilen üpjün etmek zerurlygy, döwlet sargytlary, bazar gözlegleri netijesinde özbaşdak meýilnama düzeninde, meýilnamanyň ýerine ýetirilişiniň seljermesi esasynda şu aşakdakylara baha bermäge mümkinçilik berýär:

- şertnamalaýyn borçnamalaryň ýerine ýetiriliş derejesi;
- meýilnamalaşdyrmagyň hili;
- dolandyryşyň hili.

Şol bir wagtyň özünde, umumy göwrümde we assortimentde önüm öndürmek meýilnamalary çig mallar, materiallar, komponentler, enjamlar, işgärler we ş.m. üpjünçilik meýilnamalaryny düzmek üçin başlangyç esas bolup durýar. Nomenklatura we assortiment düşünjeleriň arasynda tapawut goýulmalydyr, bular, köplenç, görkezmelerde we iş ýüzünde garyşýar.

**Nomenklatura** — bu önümleriň atlarynyň sanawy we degişli önümler üçin döredilen kodlary.

**Assortiment** — bu her görnüş üçin önümçiligiň mukdaryny görkezýän önüm atlarynyň sanawydyr. Önümçilikde önümleriň assortimenti we gurluşy emele getirilende kärhana, bir tarapdan,

bu önümlere bolan islegi, beýleki tarapdan bolsa, öz ygtyýaryndaky zähmet, çig mal, tehnika, tehnologiýa, maliýe we beýleki mümkinçilikleriň netijeli ulanylmagyny göz öňünde tutmalydyr. Assortiment emele getiriş ulgamy aşakdakylardan ybarat:

- alyjylaryň häzirki we geljekki zerurlyklaryny kesgitlemek;
- öndürilen ýa-da önümçilik üçin meýilleşdirilen önümleriň bäsdeşlik ukybynyň derejisine baha bermek;
- önümiň ýaşaýyş aýlawyny öwrenmek, täze, has ösen önümleri tanatmak üçin öz wagtynda çäreleri görmek, köneleşen we ykdysady taýdan netijesiz önümleri önümçilik maksatnamasyndan aýyrmak;
- ykdysady netijelilige we önümleriň assortimentindäki üýtgemeleriň täwekgelçiligine baha bermek.

Kärhanada önümleriň sazlaşykly goýberilişine gündelik ýa-da aýlyk önümçilik meýilnamalaryna laýyklykda sehlerde bölekleriň, ýarym taýýar önümleriň we önümleriň öndürilmegi hökmünde düşünmeli. Önümleriň sazlaşykly goýberilmegi deň mukdarda önüm öndürmegi aňlatmaýar. Meýilleşdirilen meýilnama (grafik) önümçiligiň ösüş depginleriniň yzygiderli ýokarlanmagyny üpjün edýär. Aýyň dowamynda ösüş depgini meýilnama laýyk bolmaly. Kärhananyň habar beriş gullugy bu meselede möhüm orun tutýar. Işi dogry guralan habar beriş gullugynyň hyzmaty islendik wagt sehiň işi barada ýüze çykýan islendik soraglara (haýsy önümiň haýsy önümçilik tapgyrynda barýandygyny, ätiýaçlyk gorlarynyň derejesi, enjamlaryň işleýiş derejesi, önümleriň goýberilişini we ş.m. barada) giňişleýin jogap bermeli. Gullugyň hyzmatynyň maglumatlary önümçilik meýilnamasynyň ýerine ýetirilmegi üçin gyssagly çäreleri görmäge mümkinçilik berýär. Diňe şu ýagdaýda kärhana önümçiliginiň sazlaşykly bolmagyny üpjün etmek bolar.

Emma önümçiligiň käbir ugurlarynda çalşyk meýilnamasyndan yza galýan ýagdaýlar hem ýüze çykýar. Adatça, bu yza galmalar zaýa önümleriň ýüze çykmagy, betbagtçylykly hadysalaryň bolmagy, abatlaýyş işleri sebäpli enjamlaryň garaşylmadyk ýagdaýda togtadylmagy, ýörite gurallaryň bolmazlygy, materiallaryň wagtynda gelip gowuşmazlygy, önümçiligiň islendik döwründe tehnologik yzygiderligiň bozulmagy we ş.m. ýagdaýlar sebäpli bolup biler. Önümleri çykarmak üçin ýeke bir çalşyk meýilnamasynyň ýerine ýetirilmezligi, önümçiligiň sazlaşykly goýberilmeginiň yzygiderliligini bozup we iş wagtynyň, önümçilik kuwwatynyň nädogry ulanylmagyna sebäp bolup biler. Şeýlelik bilen, sazlaşygyň bozulmagy netijesinde ykdysady görkezijiler ýaramazlaşýar, ýagny önümiň hili peselýär, ammarlarda taýýar önümleriň galyndylary artýar, netijede maýa goýum işjeňligi peselýär,

**Tablisa №2.**

**Önümiň sazlaşykly goýberilişiniň seljermesi (ýanwar aýy)**

| Dekadalar | Hasabat ýyly | | Meýilnamanyň çäginde | Udel agramy, % | |
|---|---|---|---|---|---|
| | meýilnama | hakyky | | meýilnama | hakyky |
| I-dekada | 6781,0 | 6297,0 | 6297,0 | 30,0 | 27,0 |
| II-dekada | 7798,7 | 8167,5 | 7798,7 | 34,5 | 35,0 |
| III-dekada | 8024,3 | 8867,5 | 8024,3 | 35,5 | 38,0 |
| **Jemi** | **22604,0** | **23332,0** | **22120,0** | **100,0** | **100,0** |

$$\text{Sazlaşyk koeffisienti} = \frac{22120}{22604} = 0,979$$

ýerlemek boýunça şertnamalaryň şertleri ýerine ýetirilmeýär we önümiň giç iberilmegi sebäpli kärhana jerime tölemeli bolýar, girdejiniň wagtynda gelmezligi sebäpli pul akymynyň ýetmezçiligi ýüze çykýar.

Kärhana önümçiliginiň sazlaşykly goýberilişi bir aýyň içinde günler ýa-da dekadalar (ongünlikler) boýunça bölünýär, onuň udel agramy göterimde aňladylýar. Önümçiligiň sazlaşykly goýberilişiniň birinji dekadadaky görkezijisi geçen aýyň üçünji dekadadaky göýberilişine bolan gatnaşygydyr. Sazlaşygy üpjün etmek üçin ýylyň dowamynda öndürilen önümler boýunça aýlara we dekadalara bölmek bilen, dinamik hatarlary gurmak maksada laýyk bolar. Sazlaşyk meýilnamasynyň ýerine ýetirilişine baha bermek üçin **göni** we **gytaklaýyn** görkezijiler ulanylýar.

**Göni görkezijiler** - sazlaşyk koeffisienti, wariasiýa koeffisienti, önümçiligiň ýyllyk önümçilik mukdaryndaky dekada, aý we çärýek aralykdaky udel agramy.

**Gytaklaýyn görkezijiler** - iş wagtyndan artyk işlenendigi üçin goşmaça tölegler kemçiliklerden ýitgiler, gowşuryş üçin jerime tölemek, önümleriň giç iberilmegi we ş.m. Sazlaşyk koeffisienti hakyky öndürilen önümi meýilnamanyň mukdaryna bölmek arkaly kesgitlenýär.

Ýanwar aýynda kärhana önümçilik meýilnamasyny artyk ýerine ýetirdi. Şeýle-de bolsa, ýanwar aýynda kärhana oňaýsyz işledi, ongünlükleriň dowamynda tablisada görkezilen önümçilik maglumatlary munuň şeýledigini subut edýär. Şeýlelikde, mysal üçin, aýdaky öndürilmeli önümiň mukdarynda ilkinji ongünlügiň udel agramy meýilnamada 30% bolmagyna garamazdan, hakykatda 27% boldy, üçünji ongünlükde önümçilik derejesi ýokarlandy, önüm meýilnamada 35,5%, hakykatda — 38% boldy.

Wariasiýa (üýtgeýiş) koeffisienti (Kw) her gün meýilleşdirilýän maksatdan (ongünlük, aý, çärýek) adaty gyşarmanyň ortaça gündelik (ortaça ongünlük, ortaça aýlyk, ortaça çärýek) meýilleşdirilen önümiň gatnaşygy hökmünde kesgitlenýär:

$$K_w = \frac{\sqrt{\sum(x-\bar{x})^2/n}}{\bar{X}} = \frac{\sqrt{[(27-30)^2+(35-34{,}5)^2+(38-35{,}5)^2]/3}}{33{,}3} = \frac{\sqrt{5{,}41}}{33{,}3} = 0{,}069$$

$$\bar{X} = \frac{100}{3} = 33{,}3$$

Netijede, wariasiýa koeffisiýenti hakyky görkezijileriň ortaça görkezijilerden nähili derejede üýtgeýändigini görkezýär. Görkezilen maglumatlara laýyklykda üýtgeme 6,9% boldy. Sazlaşygyň bozulmagynyň sebäpleri hökmünde önümi satmakdaky kynçylyklary, işi guramagyň pes derejesini, önümçiligiň maddy we tehniki üpjünçiliginiň derejesini görkezmek bolar. Önümçiligiň sazlaşygy seljerilende, dürli ongünlükdäki iş günleriniň sanyny göz öňünde tutmaly, sebäbi önümçiligiň aýry-aýry ongünlükdäki paýy şoňa baglydyr. Önümçiligiň sazlaşykly goýberilişini seljermek üçin amaly we tehniki hasabatlaryň maglumatlary we döwürleýin hasabatlar ulanylýar.

Hojalyk subýektiniň üstünligi ýa-da şowsuzlygy, islegiň gurluşynyň we ugrukmasynyň näderejede üýtgeýändigine berýän ünsüne baglydyr. Bazar gözlegleriniň netijeleri işewürlik strategiýasyny we önümleriň görnüşini ösdürmek üçin esas bolup durýar. Önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) täzeleniş tizligi önümçiligi tehniki taýdan kämilleşdirmegiň, olaryň ähli çeşmeleriniň zerurlygyny kesgitleýär. Maddy önümleri we hyzmatlary döretmek üçin zerur çeşmeler çäklidir, emma jemgyýetiň zerurlyklary çäksizdir. Çeşmeleriň ýetmezçiligi näme, näçeräk we kim üçin öndürmeli diýen böleklere bölmegi talap edýär. Bir tarapdan önümleriň, işleriň, hyzmatlaryň mümkin bolan iň ýokary aralygy bilen iň ýokary mümkinçiliginiň arasynda ygtybarly deňagramlygy döretmekden, beýleki tarapdan bolsa, belli bir durmuş derejesini üpjün etmekden ybaratdyr. Önümçiligiň iň amatly gurluşyny kesgitlemek diňe önümlere, işlere, hyzmatlara bolan islegiň seljermesi esasynda mümkindir. Olar bolsa, satuw bazarlary, kuwwaty, alyjylar we müşderiler, önüm öndürmek, hyzmatlary etmek we işiň ýerine ýetirilmegi üçin zerur bolan ähli görnüşli çeşmelerden ybarat.

**Edebiýat:**


*1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy: Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. - I tom. - Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.*

*2. Шагиясов Т.Ш, Сагдиллаев З.А, Урманбекова И.Ф Экономический анализ: Учебник. — Ташкент, 2017.*

*3. Internet-maglumatlary.*

# SANLY BANK HYZMATLARYNYŇ ÖSÜŞI: DAŞARY ÝURT TEJRIBESI WE MILLI ÝÖRELGELER

**Dünýägözel HAÝYTOWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Ylmy-önümçilik geňeşiniň baş hünärmeni

Bazar ykdysadyýetiniň häzirki şertlerinde täze müşderileriň ünsüni çekmek, bar bolan müşderiler bilen gatnaşyklary has-da pugtalandyrmak üçin sanly hyzmatlardan peýdalanmak wajyp hasaplanylýar. «Müşderiniň islegi ähli zatdan öňde» ýörelgesi bank ulgamyny üstünlige eltýän ýoldur. Müşderiniň bank tarapyndan hödürlenýän hyzmatlardan hoşallygy bankyň düşewüntliligini ýokarlandyrmak bilen bir hatarda, özüniň bäsdeşlerini ýeňip geçmekde hem esasy gural hasaplanylýar. Şeýle hem bank işini dünýäniň öňdebaryjy banklarynyň derejesinde guramaga, müşderi-bank gatnaşyklaryny has-da döwrebaplaşdyrmaga oňyn şert döredýär. Häzirki wagtda birnäçe döwletlerde internet arkaly (sanly) hyzmatlary alyp barýan banklaryň işi nusga alarlykdyr. «Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlarynyň ýylyň her gününde we sagadynda ýerine ýetirilmegi müşderiniň islendik bank amalyny hemişe we her ýerde ýerine ýetirip bilmegini aňladýar, başgaça aýdanyňda bank şahamçasyny müşderä has golaý edýär.

Sanly tölegleriden peýdalanýan müşderiler kesgitlenilende, ilki bilen, internetiň jemgyýetde näderejede ulanylýandygyny, müşderileriň (raýatlaryň) elektron töleglerden garaşýan netijelerini, ýüze çykyp biljek howplary hem-de ulgam arkaly has köp ýerine ýetirilýän ýa-da ýerine ýetirilmeýän maliýe amallary anyklanylmaly. Müşderiniň sanly töleglerden peýdalanmagyna bankyň bazarda tutýan orny (abraýy), hyzmatyň hili, internet sahypasynyň keşbi, goraglylygy we gizlinligi, ýeňilligi we tizligi, hyzmatlaryň elýeterliligi, bank önümleri barada maglumatlaryň jikme-jikligi, ýerine ýetirilýän her bir amalyň utgaşykly alnyp barylmagy we beýlekiler öz täsirini ýetirýär. Sanly bank hyzmatlarynyň ýurtda ornaşdyrylmagynyň we kämilleşdirilmeginiň adaty bank ulgamyna görä aýratynlygy şahamça, işgär hem-de olar bilen bagly çykdajylaryň azaldylmagy, geografik sebite we wagta garaşsyz hyzmatlaryň ýerine ýetirilmegidir.

Mälim bolşy ýaly, dünýäde emele gelen häzirki çylşyrymly ýagdaýlar nagt däl görnüşde geçirilýän hasaplaşyklary has hem çaltlandyrdy. Nagt däl görnüşde geçirilýän hasaplaşyklar arassaçylyk kadalaryny berjaý etmek tarapdan amatly hasaplanylýar. Nagt pul serişdeleriniň elden-ele geçmegi netijesinde dürli wirus we bakteriýa kesel döredijileriň ýaýramak ähtimallygy ýokarlanýar. Bütindünýä Saglyk Guramasy öz neşirinde banknotlaryň wirus ýaýradyjy serişde hasaplanylýandygy sebäpli nagt hasaplaşyklardan gaça durmagy,



arassaçylyk kadalaryny berjaý etmek tarapyndan galtaşyksyz töleg kartlaryny, sanly bank hyzmatlaryny, şol sanda elektron pul ulgamlaryny peýdalanmaklygy maslahat berýär. Dünýä tejribesinden belli bolşy ýaly, häzirki günde dünýäde nagt pullaryň arassaçylyk babatynda amatsyzlygy hem-de sanly hyzmatlaryň, şol sanda galtaşyksyz töleg tehnologiýalarynyň wirusly keselleriň öňüni almak babatynda (töleg kartlaryny, ykjam enjamlary zyýansyzlandyryjy erginler bilen arassalanmak zerurlygynyň aradan aýrylmagy) amatlydygy sebäpli, bu ugra maýa goýum serişdelerini gönükdirýän kärhanalaryň, şol sanda banklaryň sany yzygiderli artdy.

Dünýäde emele gelen häzirki ýagdaýlary hasaba almak bilen birnäçe daşary ýurt tejribelerine ýüzlensek, Latwiýa, Estoniýa, ABŞ we beýleki ýurtlaryň söwda we hyzmat ediş nokatlarynda müşderiler bank kartlarynyň, esasan hem, galtaşyksyz töleg kartlarynyň üsti bilen töleg terminallary arkaly nagt däl hasaplaşyklary geçirmäge ymtylýarlar. Galtaşyksyz töleg kartlaryndan peýdalanmaklyk wagty tygşytlaýanlygy, müşderiniň pin-kody girizmek, satyjynyň bank kartyny ellemek, töleg terminalyna birikdirmek ýaly zerurlyklarynyň aradan aýrylýandygy sebäpli has bähbitli hasaplanýar. Galtaşyksyz töleg ulgamy – degişli bank kartlarynyň ýa-da ykjam enjamlaryň tölegi kabul ediji enjamyň (töleg terminalynyň, QR-kody «okaýjynyň») golaýyna tutulyp, bir basyş arkaly, ýagny PIN-kody girizmezden harytlar we hyzmatlar üçin ýerine ýetirilýän tölegiň görnüşidir. Bu görnüşli tölegleriň mukdarynyň çägi emitent-banklar tarapyndan pul serişdeleriniň howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen kesgitlenilýär we her ýurda görä üýtgeýär.

Häzirki wagtda Latwiýa, Şwesiýa, Hytaý Halk Respublikasy, Angliýa, Türkiýe, ABŞ, Russiýa, Gazagystan, Belarussiýa Respublikasy ýaly ýurtlarda galtaşyksyz töleg kartlary arkaly geçirilýän hasaplaşyklarda hyzmatyň goraglylygyny üpjün etmek (kähalatlarda kartyň hakyky eýesidigini anyklamak maksady bilen PIN-kody girizmegi talap etmek) arkaly gündelik töleg araçäginiň bellenenden ýokarlandyrylandygy sebäpli, hyzmatdan peýdalanýan müşderileriň sany barha artdy. «Global Payment Cards Data and Forecasts to 2024» atly neşirde galtaşyksyz töleg kartlaryna bütin dünýäde uly islegiň bildirilýändigi sebäpli, nagt däl hasaplaşyklardan peýdalanyjylaryň sanynyň has hem artjakdygy bellenilýär. 2018-nji ýylda dünýä boýunça galtaşyksyz görnüşinde geçirilen tölegleriň mukdary 70 mlrd bank amalyna ýetdi, bu dünýädäki kartly tölegleriň 15 göterime deňdir. Neşirdäki maglumatlara görä, 2022-nji ýyla çenli görkezijiler dünýäniň kartly töleg ulgamynyň 55 göterimine (häzirki günde 35 göterim) çenli ösmegi çaklanylýar.

Işjeňligi bilen müşderileri özüne çekýän beýleki sanly bank hyzmatlary elektron pullardyr. Elektron pul diýip nagt pullary ulanmazdan, karz edaralaryndaky hasaplar boýunça pul serişdeleriniň hereket edýän dolanyşygyna, ýagny nagt däl hasaplaşyga düşünilýär. Häzirki wagtda daşary ýurt tejribesinde hakyky wagt tertibinde degişli bankyň internet sahypasynyň üsti bilen kiçi möçberdäki tölegleri amala aşyrmak üçin elektron puluň has giňden ulanylýan görnüşleri bar. Muňa mysal hökmünde «Web money», «Yandex money», «Qiwi wallet», «Perfect money», «Elecsnet» «Paypal», «Payeer» we beýlekileri görkezmek bolar. Elektron puluň şeýle görnüşleri internet arkaly haryt we hyzmatlar tölegler geçirilende goraglylygy, amallaryň çalt geçirilmegi hem-de hyzmatlaryň amatlylygy bilen müşderileriň ösen isleglerini kanagatlandyrýar. Olar Russiýa, Rumyniýa, Braziliýa, Gazagystan, Belarus Respublikasy, Moldowa ýaly ýurtlarda giňden hereket edýär.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyna», «Türkmenistanyň ykdysady, maliýe we bank ulgamlaryny ösdürmegiň 2019-2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasyna» hem-de «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna» laýyklykda, milli ykdysadyýetimize sanly tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak, töleg ulgamyny dünýäniň ösen döwletleriniň derejesinde guramak, sanly bank hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek, pul-karz dolanyşygynyň ýagdaýyna täsir etmek arkaly bazar isleglerini has doly kanagatlandyrmak, ilatyň wagtlaýyn boş duran pul serişdelerini möhletli we talap edilýänçä görnüşindäki bank goýumlaryna çekmek, elektron resminama dolanyşygyna hem-de elektron şahsyýetnamalar ulgamyna geçmek, sazlaşykly işleýän elektron senagatyny döretmek, sanly aragatnaşyk babatynda şäherleriň we obalaryň arasyndaky tapawudy aradan aýyrmak boýunça anyk wezipeler durmuşa geçirilýär.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan raýatlarymyza döwrebap, kämil derejede hyzmat etmek, geçirilýän hasaplaşyklary tizleşdirmek, nagt pul dolanyşygynyň mukdaryny ep-esli azaltmak maksady bilen dürli görnüşli bank kartlaryny dolanyşyga goýbermek we oňa hyzmat etmek, ýurdumyzyň ähli söwda we hyzmat ediş nokatlarynda töleg terminallaryny ornaşdyrmak işine yzygiderli maýa goýum serişdeleri goýulýar. «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda», «Galtaşyksyz töleg» ulgamlary arkaly ýerine ýetirilýän amallaryň sany artdyryl-

ýar, olaryň hili ýokarlandyrylýar. «Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlary müşderiniň bank amallaryna we hyzmatlaryna bolan isleglerini has doly kanagatlandyrmaga, şol sanda pul geçirimlerini ýeňilleşdirmäge we çaltlaşdyrmaga, hasaplaşyklar geçirilende wagty tygşytlamaga oňaýly şert döredýär.

2020-nji ýylyň 1-nji awgusty ýagdaýyna bank ulgamy tarapyndan hödürlenýän «Internet-bank» hyzmatyna birikdirilen müşderileriň sany 560,8 müňden geçdi, «Mobil-bank» hyzmatyna birikdirilenleriň sany 23,1 müňe ýetdi. 2020-nji ýylyň ýanwar-iýul aýlarynda bankomatlaryň, terminallaryň, «Internet-bank», «Mobil-bank» we «Elektron söwda» ulgamlarynyň üsti bilen amal edilen nagt däl hasaplaşyklaryň möçberi geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 2,95 esse artdy. Häzirki wagtda bank kartlarynyň sany 4 329,6 müňe ýetdi, töleg terminallarynyň sany 37,2 müňden geçdi. 2020-nji ýylyň ýanwar-iýul aýlarynda kartly töleg ulgamynda nagt däl hasaplaşyklaryň umumy möçbere bolan gatnaşygy geçen ýylyň degişli döwrüne garanyňda 2,37 esse ýokarlandy.

Hormatly Prezidentimiziň tabşyryklaryny öz wagtynda ýerine ýetirmek, şol sanda nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek boýunça alnyp barylýan işleriň çäklerinde ýurdumyzyň ygtyýarly banklary tarapyndan galtaşyksyz töleg tehnologiýasy bilen işleýän bank kartlary ulanyşa goýberildi. Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky, Türkmenistanyň «Halkbank» Paýdarlar täjirçilik banky, «Senagat» Paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan raýatlarymyza bölek satuw we hyzmat ulgamlarynda QR-kod ulgamy arkaly hasaplaşyklary geçirmek boýunça mümkinçilikler döredilen. Mundan başga-da Türkmenistanyň «Halkbank» Paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan «Mobil töleg terminaly» ulgamyny we «Senagat» Paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan welaýatlarda ýaşaýan raýatlaryň jemgyýetçilik awtobuslarynyň hyzmaty boýunça hasaplaşyklary elektron ýol kartlarynyň üsti bilen nagt däl görnüşde amala aşyrmak üçin mümkinçilik döredildi. Häzirki wagtda Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky tarapyndan «Milli Visa kartyny», «Rysgal» Paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan «QR-kod» ulgamyny işe girizmek boýunça hem degişli işler alnyp barylýar.

Häzirki wagtda raýatlarymyza ýerine ýetirilýän nagt däl hasaplaşyklaryň öz wagtynda geçirilmegini üpjün etmek, edilýän hyzmatlaryň hilini has-da ýokarlandyrmak, bank kartlarynyň we töleg terminallarynyň işjeňligini has-da kämilleşdirmek, menzilara hödürlenilýän bank hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek we hilini ýokarlandyrmak maksady bilen, ýurdumyzyň karz edaralarynyň edara (merkezi) binalarynda gije-gündiziň dowamynda hyzmat berýän «Call-center» hyzmatlary hereket edýär. Mundan başga-da, ýurdumyzyň karz edaralarynyň hünärmenleri tarapyndan nagt däl görnüşde geçirilýän hasaplaşyklaryň oňyn artykmaçlyklary, ornaşdyrylýan täze bank hyzmatlary barada köpçülikleýin habar beriş serişdeleri, şol sanda teleýaýlymlar, merkezi we ýerli gazet-žurnallar hem-de banklaryň degişli internet-sahypalary arkaly jemgyýetçilik köpçüligine yzygiderli ýetirilýär. Bu hem, öz gezeginde, ilatyň maliýe sowatlylygynyň ýokarlanmagyna öz goşandyny goşýar.

Döwrüň talaplaryna laýyklykda islendik raýat ýaşaýan döwletiniň pul-karz we maliýe ulgamy barada esasy düşünjeleri özleşdirip, olary tejribede netijeli peýdalanyp bilmelidir. Ornaşdyrylýan sanly bank önümleri müşderiniň iň azyndan orta derejede kompýuter sowadyna eýe bolmagyny we elektron poçta hasabyny özbaşdak dolandyryp bilmegini talap edýär. Daşary ýurt tejribesine görä, ilatyň bank kartlary arkaly nagt däl hasaplaşyklardan (şol sanda «Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlaryndan) özbaşdak peýdalanyp bilmeginiň özi hem adamlaryň maliýe sowat derejesiniň ýokarlanýandygyny görkezýär. Beýleki bir tarapdan, ýurtda maliýe sowat derejesi näçe ýokary bolsa, halkyň tygşytlamak endigi şonça-da öňe çykýar. Bu, öz gezeginde, milli ykdysadyýetde maýa goýumlarynyň işjeňleşdirilmegine mümkinçilik döredýär. Ýurduň jemi içerki önüminiň ösüşine, durmuş-ykdysady taýdan durnuklylygyna, şol sanda pul-karz ulgamynyň işjeňligini ösdürmäge, pul aýlanyşygynyň gerimini giňeltmäge, hyzmatlary kämilleşdirmek arkaly müşderileriň sanyny artdyrmaga, ilatyň isleg bildirýän bank önümlerini işläp taýýarlamaga we beýlekilere oňaýly täsir ýetirýär.

Sanly bank hyzmatlarynyň göwrüminiň artmagy we ilatyň bu hyzmatlardan peýdalanmaga işjeň gatnaşmagy kart eýelerine köpsanly amatlyklary döretmek bilen, milli ykdysadyýetiň sazlaşykly oňaýly goşant goşýar.

**Edebiýat:**

*1. «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy». – Aşgabat, 2011.*

*2. «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy». – Aşgabat, 2019.*

*3. B.Taýharow. Bitaraplyk döwrüniň maliýe-bank ulgamy //«Maliýe we ykdysadyýet». – 2020. – №2.*

*4. K.Rogoff, The curse of cash, Princeton university press, 2016, p.92-118.*

# SANLY YKDYSADYÝETI ÖSDÜRMEGIŇ HUKUK ÜPJÜNÇILIGI

**Gurban MYRADOW,**
**Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynyň ylmy işgäri**

Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň döwleti we jemgyýeti hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösdürmek ugrunda alyp barýan syýasaty «Döwlet adam üçindir!» diýen baş ýörelgä esaslanyp, ýurdumyzyň ähli sebitlerini gurşap alýan we ilatyň abadan durmuşda ýaşamagynyň hatyrasyna üstünlikli durmuşa geçirilýän döwlet maksatnamalarynda öz beýanyny tapýar. Jemgyýetiň aň-bilim mümkinçilikleriniň kämilleşdirilmegi döwletiň syýasy, ykdysady, hukuk esaslaryny pugtalandyrýar.

Ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmekde, ylmyň iň täze gazananlaryny önümçilige giňden ornaşdyrmakda, söwda-senagat, oba hojalyk, ulag-aragatnaşyk, ylym, bilim we beýleki ulgamlaryň işini innowasion esasda guramakda netijeli işler durmuşa geçirilýär. Milli Liderimiz ykdysadyýeti sanlylaşdyrmak, bu pudagyň işgärler kuwwatyny pugtalandyrmak, döwlet dolandyryşynyň netijeliligini, halkymyzyň durmuş derejesini ýokarlandyrmak üçin elektron we ylmy ulgamy özleşdirmek, ýokary tehnologiýalaryň hem-de kiçi we orta telekeçiligiň mümkinçiliklerini çekmek arkaly pudaklary döwrebaplaşdyrmak meselelerine aýratyn ähmiýet berýär.

«Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň» esasy maksady hormatly Prezidentimiz tarapyndan başy başlanan ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmaga, dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejelerine ýetirmäge, bazar ykdysadyýetine tapgyrlaýyn geçilmegine, raýatlarymyzyň iş üpjünçiligini we halkymyzyň durmuş derejeleriniň ýokarlandyrylmagyna gönükdirilen syýasaty, bilimlere we innowasiýalara daýanýan, ykdysady, durmuş we ekologiýa taýdan amatly tehnologiýalary özünde jemleýän, ykdysadyýetiň pudaklaýyn we eýeçilik görnüşleri babatynda diwersifikasiýalaşdyrylmagyny üpjün edýän, sanly ykdysadyýete uýgunlaşdyrýan, ilatyň intellektual we durmuş şertlerini ygtybarly dünýä standartlarynyň derejelerine ýetirýän bazar ykdysadyýetiniň özgertmelerini durmuşa ornaşdyrmagy dowam etdirmekden ybarat bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, Maksatnamada ýakyn geljekde sanly bilimi ösdürmek we sanly ykdysadyýete geçmek bilen bagly birnäçe derwaýys meseleleriň hatarynda döwlet gullukçylarynyň we hususy bölegiň sanly ykdysadyýet boýunça sowatlylygyny ýokarlandyrmak, sanly tehnologiýany peýdalanmak arkaly menzilara maslahatlary hem-de ylymlary bermek, sanly ykdysadyýetiň talaplaryny nazara almak bilen, dürli pudaklaryň işgärleri üçin hünär kämilleşdiriş ulgamyny ýola goýmak ýaly möhüm wezipeler kesgitlenen.



Sanly ykdysadyýet – bu sanly maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalaryny peýdalanmaga esaslanýan durmuş-ykdysady we guramaçylyk-tehniki gatnaşyklaryň ulgamydyr. Sanly ykdysadyýetiň ösdürilmegi ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarlanmagyna, sanly giňişlikde subýektleriň özara ylalaşykly hereketini üpjün edýän düzümiň döre-

megine getirýär. Şu nukdaýnazardan, elektron söwda sanly ykdysadyýetiň esasyny düzýär. Şeýlelikde, bu sanly telekeçilik işlerine hukuk kesgitlemesini bermek we olaryň düzgünleşdirýän çygryny hukuk taýdan kesgitlemek wajyp bolup durýar. Sanly ykdysadyýetiň ösmegi maýa goýumyň, zähmetiň we beýleki önümçilik faktorlarynyň täzeçillige uýgunlaşmagyna we ykdysady taýdan has amatly bolmagyna ýardam edýär. Hormatly Prezidentimiziň: «Sanly ykdysadyýete geçmek bilen, ýurdumyzy senagat taýdan ösdürmegiň, bazar we düzümleýin özgertmeleri geçirmegiň, gaýtadan işleýän pudaklary diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmegiň täze tapgyry başlanýar» diýip bellemegi bu ulgamda alnyp barylýan işleriň üstünlikli durmuşa geçirilýändigine aýdyň şaýatlyk edýär.

Türkmenistanyň kanunçylygynda milli ykdysadyýetiň pudaklaryny dürli jähetlerde kadalaşdyrýan hukuk namalary hereket edýär. Döwletimiziň ykdysady ulgamynyň möhüm ähmiýete eýe bolmagy ýurdumyzda amala aşyrylýan ykdysady özgertmeleriň hukuk esaslarynyň Esasy Kanunymyzda berkidilmegini şertlendirýär. Milli ykdysadyýetiň hukuk esaslarynyň pugta berjaý edilmegi, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň döwrebap kämilleşdirilmegi halk hojalygynyň ähli pudaklarynyň ösmegi üçin zerur bolan şertleri döredýär. Milli ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda häzirki zamanyň ösen talaplaryna laýyk gelýän kärhanalaryň gurulmagy, olaryň innowasion tehnologiýalar bilen üpjün edilmegi, uly islegden peýdalanýan önümleriň öndürilip, daşary ýurtlara eksport edilmegi milli ykdysadyýetiň has-da pugtalanmagynda möhüm orny eýeleýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 16-njy maddasynda: «Döwlet ylmyň, tehnikanyň we tehnologiýalaryň ösüşine ýardam edýär, şeýle hem bu ugurlarda halkara hyzmatdaşlygyny goldaýar» diýlip kesgitlenilýär. Bu konstitusion kadalar «Döwlet ylmy-tehniki syýasaty hakynda» , «Innowasiýa işi hakynda» , «Ylmy-tehnologiýa parklary hakynda» Türkmenistanyň kanunlarynda giňişleýin beýanyny tapýar. Bu kadalar pudaklaýyn kanunçylykda ulgamlaýyn düzgünleşdirilip, has-da berkidilýär.

Bilermenleriň belleýşi ýaly, sanly ykdysadyýetiň ösmegi maýanyň, zähmetiň we beýleki önümçilik faktorlarynyň täzeçillige uýgunlaşmagyna we ykdysady taýdan has amatly bolmagyna getirýär. Şonuň bilen bilelikde sanly ykdysadyýetiň işlemeginde netijeli hukuk üpjünçiliginiň bolmazlygy, onuň mümkinçilikleriniň talabalaýyk derejede işläp başlamaklygyna we beýleki töwekgelçilikleriň döremegine öz täsirini ýetirip biler. Şunda, sanly ykdysadyýetiň işlemeginde netijeli hukuk üpjünçiliginiň bolmazlygy we beýleki töwekgelçilikleriň döremegini nazarda tutup, «Türkmenistanda Internet torunyň ösüşini we internet-hyzmatlaryny etmegi hukuk taýdan düzgünleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň hem-de «Türkmenistanda Internet ulgamyny ösdürmek üçin halkara aragatnaşyk kanallaryny guramak hakynda» Kararyň kabul edilmegi bu ulgamyň kanunçylyk binýadynyň barha kämilleşýändigini aýdyň şöhlelendirýär. Maglumatlary alyşmagyň elektron ulgamlaryny we olaryň elýeterliligini, hukuk esaslaryny we döwletiň elektron hyzmatdaşlyga taýýarlyk derejesini sanly ykdysadyýetiň aýrylmaz bölegi hökmünde görkezmek bolýar.

Ykdysadyýetde internet hyzmatlarynyň hiliniň we ygtybarlylygynyň ýokarlanmagy, maglumat-aragatnaşyk üpjünçilik ulgamynyň ösdürilmegi, adamyň aň-bilim mümkinçilikleriniň doly derejede ulanylmagy berk hukuk binýadyny talap edýär. Şu nukdaýnazardan häzirki wagtda döwletiň, milli işewürlik birleşikleriniň we raýat jemgyýetiniň gatnaşmagynda sanly ykdysadyýet institutlarynyň kämilleşdirilmegi üçin kämil hukuk binýadynyň döredilmegine aýratyn ähmiýet berilýär. Hususan-da, ählumumy sanly giňişligiň emele gelýän şertlerinde ýüze çykýan gatnaşyklaryň häzirki zaman talaplaryna laýyklykda kadalaşdyrylmagy ýurduň tehnologiýa babatda öňdebaryjylygynyň üpjün edilmegini, önümçilik pudaklarynyň, söwda we hyzmatlar ulgamlarynyň işini täzeçe guramagyň netijeli ugurlarynyň emele getirilmegini, ykdysady serişdeleri (aktiwleri) dolandyrmagyň täze usullarynyň ornaşdyrylmagyny şertlendirýär. Sanly gurşawyň kadalaşdyryjy-hukuk şertleriniň döredilmegi milli işewürlik bileleşiklerini, şol sanda hususy bölegi sanly ykdysadyýeti döwrebap kämilleşdirmek işine işjeň çekmäge ýardam berýär.

Sanly ykdysadyýete geçmegiň esasy görkezijileriniň biri bolan ýurdumyzyň pudaklaýyn edaralarynda elektron resminama dolanyşygyna geçmek, ýagny elektron işewürligi (hojalyk işini kompýuter torlary arkaly dolandyrmak) prosesi häzirki wagtda üstünlikli durmuşa geçirilýär. Elektron resminama dolanyşygyna geçmegiň hukuk kadalary «Elektron resminama, elektron resminama dolanyşygy we sanly hyzmatlar hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda beýan edilýär. Bu kanunda elektron resminamalara bildirilýän esasy talaplar berkidilip, elektron resminamalary peýdalanmagyň hukuk esaslary kesgitlenýär, şeýle hem olaryň ulanylýan çygrynda

ýüze çykýan hukuk gatnaşyklary düzgünleşdirilýär. Elektron resminamasy elektron enjamlar, maksatnamalaýyn we tehniki serişdeler ulanylýan işleriň ähli çygyrlarynda peýdalanylyp bilinýär. Elektron resminama habarlary we beýleki maglumatlary bermekde, hat aragatnaşygyny we geleşikleri amala aşyrmakda, şeýle hem töleg resminamasy hökmünde ulanylýar. Kanun elektron resminamalary peýdalanyjylara Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna we milli kanunçylygyna laýyklykda elektron resminamalaryň ulanylýan çygrynda halkara maglumatlar ulgamyndan peýdalanmaga mümkinçilik döredýär.

Döwlet Baştutanymyzyň başlangyjy bilen «Türkmenistanda dürli görnüşli elektron enjamlaryny öndürýän kärhanalary döretmegiň Döwlet Maksatnamasynyň» hem-de 2018-nji ýylyň noýabrynda tassyklanan «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynyň» durmuşa ornaşdyrylmagy ýurdumyzda sanly ykdysadyýetiň ösdürilmegine aýratyn üns berilýändiginiň tassyknamasy bolup durýar. Konsepsiýada ýurdumyzy sanly ulgam esasynda ösdürmegiň maksatlary, wezipeleri we esasy ugurlary kesgitlenilip, ony üç tapgyrda amala aşyrmak göz öňünde tutulýar.

Konsepsiýany amala aşyrmagyň çäklerinde milli ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda edaralaryň, kärhanalaryň, guramalaryň maddy-enjamlaýyn binýadyny döwrebaplaşdyrmakdan we kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek, şeýle hem ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak hem-de tejribeli milli we halkara bilermenlerini işe çekmek boýunça işleriň geçirilmegi göz öňünde tutulýar. Ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmek hem-de ykdysadyýetiň ähli pudaklaryny ýeke-täk sanly ulgama birikdirmek, edaralaryň, kärhanalaryň we guramalaryň sanly ulgama geçmegi bilen bagly işler toplumlaýyn häsiýete eýe bolup, dürli ugurlar boýunça alnyp barylýar.

Jemgyýetiň sanly gurşawa bolan ynamynyň artmagyny gazanmakda maglumat howpsuzlygynyň, şol sanda maglumatlaryň kiberhowplara garşy goraglylygynyň üpjün edilmegine aýratyn üns berilýär. «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna» laýyklykda, maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek wezipesiniň ýerine ýetirilmeginde «Maglumat we ony goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň ähmiýeti örän uludyr. Bu Kanun maglumaty peýdalanmaga bolan hukuklary amala aşyrmakda, şeýle hem maglumat tehnologiýalaryny ulanmakda we maglumaty goramagy üpjün etmekde ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýär. Resminama laýyklykda, kanuny usul bilen islendik maglumaty gözlemäge, almaga, ýygnamaga, saklamaga we ýaýratmaga, hem-de döwlet edaralarynyň we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň işi hakynda maglumatyň açyklygyna we şeýle maglumata erkin aralaşmaga ýol berilýär. Maglumat ulgamlary goralanda, ilki bilen, Türkmenistanyň milli howpsuzlygyny üpjün etmek meselesi göz öňünde tutulýar.

Umuman, ýurdumyzda sanly ykdysadyýetiň ornaşdyrylmagy milli ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň durnukly ösüşine uly itergi bermek bilen, Prezident maksatnamasynda göz öňünde tutulan wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmäge, uzakmöhletleýin ykdysady ösüşi we ýokary öndürijiligi gazanmaga, ýurdumyzyň jemi içerki önüminiň düzüminde maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň paýyny artdyrmaga, döwlet dolandyryşynyň netijeliligini ýokarlandyrmaga, esasy önümçilik-ykdysady işleriň ähli görnüşlerini awtomatlaşdyrmaga we merkezleşdirilen tertipde dolandyrmaga, ýokary tehnologiýaly pudaklarda täze iş orunlaryny döretmäge, şeýle hem halkyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da ýokarlandyrmaga giň mümkinçilikleri döredýär.

**Edebiýat:**


*1. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy. — A.:Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2019.*

*2. Türkmenistan gazeti. 28.06.2019.*

*3. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. — Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.*

*4. Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary, 2014. – № 1, 3, 4.*

*5. Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy. — 2008. — № 4.*

*6. Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary. — 2000. — № 3-4.*

*7. Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy. — 2015. — № 7.*

*8. Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy. — 2018. — № 10-11-12.*

*9. Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary, 2014. — №2.*

# BÄSDEŞLIK ŞERTLERINDE TELEKEÇILIGI DOLANDYRMAGYŇ AÝRATYNLYKLARY

**Şaguly ŞAGULYÝEW,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň magistranty

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe täze tehnologiýalar esasynda ýokary hilli, dünýä bazaryna bäsdeşlige ukyply önümleri çykarmak Türkmenistan tarapyndan öňe sürlen kesgitli wezipeleriň biridir. Bu wezipäni ýerine ýetirmekde ýurdumyzyň altyn gaznasy hasaplanylýan hususy pudagyň mynasyp paýyny milli ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda diýen ýaly görmek bolýar. Oba hojalygy, senagat, gurluşyk, dokma, haly, azyk önümçiligi we beýleki ugurlarda tutanýerlilik, erjellik bilen zähmet çekýän türkmen telekeçileri hususy pudagyň ösüş ýoluny belent sepgitler bilen has-da baýlaşdyrýar. Giň gerimli döwlet maksatnamalarynyň durmuşa geçirilmegine saldamly goşant goşýan bu pudakda gazanylýan üstünlikler, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarlanmagyna gönükdirilen bazar ykdysadyýetiniň kemala gelmeginde aýratyn orna eýedir. Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow bäsdeşlige ukyply harytlaryň we hyzmatlaryň köp görnüşiniň ilata hödürlenmegini, ýokary goşulan gymmatyň döredilmegini, ykdysady diplomatiýany hem-de daşary ýurtlara iberilýän önümleriň möçberleriniň artdyrylmagyny işewürligiň ösdürilmeginiň ileri tutulýan ugurlary hökmünde kesgitledi. Munuň özi hususy önüm öndürijileriň arasyndaky bäsdeşligi yzygiderli güýçlendirýär. Bäsdeşlik bolsa, öz gezeginde, öndürilýän önümleriň möçberlerini artdyrmagyň, olary hil taýdan kämilleşdirmegiň, önümleriň özüne düşýän gymmatyny arzanlatmak arkaly nyrhlary pese düşürmegiň esasy serişdesi bolup çykyş edýär.

Aslyýetinde, bäsdeşlik telekeçiligiň bäsdeşlik artykmaçlyklaryny we harydyň bäsdeşlige ukyplylygyny gözlemek zerurlygyny döredýär, önümçilikden sarp edişe çenli ähli hadysalary kämilleşdirmäge iterýär. Bäsdeşlik artykmaçlyklary bolsa, innowasiýalaryň durmuşa geçirilmegi esasynda, ýagny telekeçilik arkaly üpjün edilýär, çünki hut telekeçilik ösüşi herekete getirýär. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde bäsdeşligiň düýp mazmuny sarp edijileri çekmek ugrunda göreşmek we olaryň isleglerini doly kanagatlandyrmak bilen baglydyr. Ol bazardaky ornuňy, tutýan paýyňy aýdyňlaşdyrmaga ýardam edýär. Şunda harytlaryň hili, nyrhy we edilýän hyzmatlar kesgitleýji şerte öwrülýär. Olar harydyň bäsdeşlige ukyplylygynyň düzümleri bolup çykyş edýär. Ahyrynda, bäsdeşlige ukyplylygy dolandyrmagyň mazmuny agzalan düzümleriň amatly gatnaşygyny üpjün etmegi aňladýar hem-de tagallalaryň önümiň hilini, tygşytlylygy we hyzmat edilişiniň derejesini ýokarlandyrmak, önümçilik harajatlaryny azaltmak ýaly wezipeleri ýerine ýetirmäge gönükdirilmegini göz öňünde tutýar.

Harydyň bäsdeşlige ukyplylygy dolandyrylanda önümi ulgamlaýyn kämilleşdirmek, ony ýerlemegiň täze ýollaryny, sarp edijileriň täze toparlaryny gözlemek, hyzmatlary, mahabaty gowulandyrmak boýunça çäreler amala aşyrylýar. Bäsdeşlige ukyplylygyň ýokary derejesi bazar gatnaşyklarynyň çäklerinde mümkin boldugyndan köp girdejiniň alynmagyny kepillendirýär. Şoňa görä-de, islendik telekeçiniň öňünde üýtgeýän bazar şertlerinde kärhananyň durnuklylygyny saklamak başarnygyny ösdürmek babatda strategik dolandyryş wezipesi örboýuna galýar. Telekeçiligi dolandyrmagyň barşynda önümçilige sarp edilýän harajatlaryň we alynýan girdejileriň berk hasaby ýöredilýär. Şunda, diňe üýtgeýän harajatlaryň däl-de, hemişelik we üýtgeýän harajatlardan ybarat bolan umumy harajatlaryň möçberini hem bilmek möhümdir.

Bäsdeşlik şertlerinde kärhanalaryň iň ýokary girdejini ýa-da bazardaky ornuny pugta saklamaga hem-de önümçiligi depginli ösdürmäge ýardam edýän girdejini gazanmaga çalyşmagy birinji nobatdaky şertleriň biri bolup durýar. Bu bolsa, girdejiniň emele gelýän çeşmelerini

bilmegi we olary has gowy ulanmagyň usullaryny tapmagy göz öňünde tutýar. Girdeji gazanmak töwekgelçilikli ýagdaýdyr. Sebäbi, telekeçi goýan maýasyny tutuşlygyna ýa-da bölekleýin ýitirmek ähtimallygy bilen elmydama ýüzbe-ýüz bolýar. Tejribeden mälim bolşy ýaly, bazar gatnaşyklary şertlerinde girdeji almagyň, esasan, iki çeşmesi bar. Önüm öndürmek ýa-da önümiň özboluşlylygy boýunça kärhananyň monopoliýa ýagdaýy birinji çeşmäni emele getirip, onuň ýokary derejede saklanmagy önümiň elmydama täzelikler bilen baýlaşdyrylmagyny göz öňünde tutýar. Şunda döwletiň monopoliýa garşy syýasaty we beýleki kärhanalar bilen ösýän bäsdeşlik ýaly herekete garşy güýçleri nazara almak gerek. Ikinji çeşme önümçilik we telekeçilik işi bilen bagly bolup, umuman alnanda, ähli kärhanalara degişli bolup durýar. Ony ulanmagyň netijeliligi bazar ýagdaýyny bilmäge we önümçiligiň ösüşini bazar ýagdaýyna yzygiderli uýgunlaşdyrmak başarnygyna baglydyr. Durnukly we ýokary hyrydarlykdan peýdalanýan önümiň dogry saýlanyp alynmagy, harytlary ýerlemegiň bäsdeşlige ukyply şertleriniň döredilmegi, önümçiligiň möçberi, önümiň köp görnüşliligi we önümçilik harajatlarynyň azaldylmagy girdejiniň möçberine täsir edýär.

Mundan başga-da, bäsdeşleriň işi hakynda maglumatyň elýeterli bolmazlygy telekeçide öz kärhanasynyň artykmaçlygy hakynda esaslandyrylmadyk pikirleriň döremegine, bäsdeşlik artykmaçlyklaryny saklamaga gönükdirilen tagallalaryň gowşamagyna getirip biler. Bäsdeşler hakyndaky maglumatlar olaryň iş netijelerini öz görkezijileri bilen deňeşdirmegine kömek edýär. Telekeçi bäsdeşiniň güýçli we gowşak taraplaryny bilmek arkaly, öz hereketleriniň dogry ugruny kesgitlemäge, bazardaky ýagdaýlaryň üýtgemegine bäsdeşiň jogap hereketlerini çaklamaga mümkinçilik berýär. Häzirki wagtda, öňdebaryjy kärhanalar bilen bir hatarda, bäsdeşlige ukyplylygy saklamak üçin önümçiligi guramakda we dolandyrmakda düýbünden täze çemeleşmelerden peýdalanmak talap edilýär. Olaryň zerurlygy, ozaly bilen, maýa goýum syýasatynda, kärhanada tehniki abatlaýyş işler geçirilende, täze tehnika we tehnologiýa ornaşdyrylanda has ýiti ýüze çykýar. Täze tehnologiýalar çeýeligiň hasabyna önümçilik harajatlaryny azaltmak, hili we netijeliligi ýokarlandyrmak arkaly artykmaçlyklary berkitmäge ýardam edýär.

Bazar ykdysadyýeti we bäsdeşlik şertlerinde bäsdeşligiň hereketlendiriji güýji täzelikleri girizmäge höweslenmek bilen baglydyr. Hut täzelikleriň esasynda harydyň (hyzmatyň) hilini ýokarlandyryp, harydyň ýaramlylygyny gowulandyryp, şol harydyň bäsdeşlik artykmaçlygyny gazanyp bolar. Harydyň bäsdeşlige ukyplylygy telekeçiniň täzeçillik çemeleşmesini talap edip, onuň düýp manysy innowasiýalary gözlemekde we durmuşa geçirmekde jemlenýär. Telekeçiniň täze önümleri öndürmek başarnygy geljekde üstünlik gazanmagyň açary hasaplanylýar. Tehnologiýa bilen bir wagtda täze önümiň işlenip taýýarlanylmagy uly taýýarlyk işlerini, bu maksatlar üçin degişli serişdeleriň bölünip berilmegini talap edýär. Öz wagtynda tagallalary birleşdirmek üçin marketing gulluklarynyň ählisi üçin takyk strategiýany düzmegiň zerurlygy ýüze çykýar.

Mälim bolşy ýaly, häzirki zaman bazar gatnaşyklaryna sanly ulgamlar giňden aralaşdy. Telekeçilik ulgamynda «sanly önümçilikler» işläp başlady. Sanly ykdysadyýete geçilmegi önümçilik işleriniň awtomatlaşdyrylmagyna we merkezden dolandyrylmagyna, önümçilik we sarp ediş bazarlarynyň ösdürilmegine, maglumatlary alyşmagyň hasabyna bilimleriň kämilleşdirilmegine, täze döwrebap iş orunlarynyň döredilmegine giň mümkinçilikleri açýar. Milli ykdysadyýetiň ösüşiniň häzirki tapgyrynda işewürligiň netijeliligini ýokarlandyrmak babatda telekeçilik işiniň innowasion düzümini höweslendirmek wezipesine aýratyn orun berilýär. Işewürligi alyp barmagyň döwrebap usullarynyň biri-de elektron işewürlikdir. Hojalyk işiniň kompýuter torlary arkaly dolandyrylmagy elektron işewürligi emele getirýär. Ol elektron söwda, elektron töleg ulgamlary, internet bank, ätiýaçlandyryş, hukuk, maslahat beriş, mahabatlandyrma, lukmançylyk hyzmatlary we başga-da köp sanly ugurlary öz içine alýar.

Elektron ulgamyň üsti bilen kärhanalar özüne laýyk üpjün edijileri, müşderileri, işewür hyzmatdaşlary tiz tapyp, gepleşikleri geçirmek, şertnama baglaşmak ýaly işlere artyk wagt we harajatlary sarp etmezden, işewürligini gurap bilýärler. Kärhanalar Internet tory arkaly özüniň hem-de harydynyň bazardaky abraýyny galdyryp, kärhanasy we harydy hakynda internet ulanyjylary üçin elýeterli maglumat döredip, mahabatlandyrma çykdajylaryny tygşytlaýarlar. Harydy tanyşdyrmagyň ähli mümkinçiliklerinden, ýagny grafika, ses, animasiýa, wideoşekiller ýaly usullardan peýdalanyp, sarp edijileri täze haryt bilen tizden-tiz tanyşdyrmaga, täze söwda nokadyny açmazdan önümleri satmaga ýol açylýar. Telekeçilik işiniň sanlylaşdyrylmagy Internetiň mümkinçiliklerine daýanyp, zähmet öndürijiliginiň artmagyna, önümçilik harajatlarynyň peselmegine we bäsdeşlige ukyplylygyň ýokarlanmagyna şert döredýär. Sarp edijileriň islegleri has çalt we ýokary derejede kanagatlandyrylýar. Önüm öndürilende, hyzmatlar edilende harajatlary azaltmakda, bazardaky üýtgeşmelere tiz uýgunlaşmakda hem-de ýokary çeýeligi üpjün etmekde sanly tehnologiýalaryň täsirli orny bar. Bularyň ähliisiniň bäsdeşlik şertlerinde ýokary görkezijileri gazanmaga ýardam edýändigi öz-özünden düşnüklidir.

Häzirki zamanda sanly ulgamlardan peýdalanýan te-

lekeçileriň sanynyň artmagy bilen, bäsdeşlik gurşawy barha giňelýär hem-de çylşyrymlaşýar. Üstünlik gazanmakda täzeden-täze pikirler, oýlap tapyşlar we döredijilik başlangyçlary talap edilýär. Şoňa görä-de, telekeçiler web--saýtlaryna ýa-da programmalaryna girip görýänleriň sanyny artdyrmaga ugrukmak, satyn alnyşyň möçberini we nyrhyny ýokarlandyrmak, ykjam gurluşlarda edilýän söwdanyň paýyny artdyrmak, tölegleriň howpsuzlygyny düzgünleşdirýän hukuk binýadyny işläp taýýarlamak, adamlaryň kompýuter sowatlylygynyň derejesini ýokarlandyrmak, internet-dükanlara girip görmegiň umumy möçberini artdyrýan hem-de ykjam programmalaryň netijeli ulanylmagyny we iň amatly bahany gözlemegi üpjün edýän gözleg ulgamlaryny giňden peýdalanmak bilen meşgullanýarlar.

Önümçilige tehnologik innowasiýalaryň giňden ornaşdyrylmagy bilen, önümçilik usullarynyň düýpli üýtgemegi netijesinde işgärlere bildirilýän talaplar hem döwrebaplaşýar. Zähmet bazarynda sanly bilimlerden, maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalaryndan oňat baş çykarýan we sanly iş endiklerini ele alan hünärmenlere isleg artýar. Kärhananyň öňdebaryjylygyny üpjün etmekde işgärlere we gullukçylara hojalyk işi hakynda maglumatlaryň elýeterli bolmagy wajypdyr. Bu ýerde, ozaly bilen, kärhananyň bazardaky ýagdaýy, islendik üýtgemeler, bäsdeşler, sarp edijiler, hyrydarlygyň ösüş meýilleri hakynda maglumatlar göz öňünde tutulýar.

«Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna» laýyklykda sanly ykdysadyýet dünýäde innowasiýalara, bäsdeşlige ukyplylyga we ykdysady ösüşe wajyp itergi beriji güýç hökmündäki ornuny barha pugtalandyrýar. Häzirki zaman tehnologik ösüş meýilleri (ykjam çözgütler, bulut tehnologiýalary, maglumatlaryň sanly seljermesi) işewürlige täze mümkinçilikleri açýar, «sanly önümçilige» geçilmegi bolsa, täze pudaklary emele getirýär. Türkmenistanyň ykdysady ösüşinde milli telekeçilige sanly ulgamy ornaşdyrmak babatda alnyp barylýan işleriň oňyn netije berýändigini bellemeli. Tizlik, amatlylyk, tygşytlylyk ýörelgelerinden ugur alýan işewürler bu günki gün döwrüň ösen talaplaryna laýyklykda täze, innowasion tehnologiýalar esasynda iş alyp barýarlar. Bu günki günde telekeçiler Internet-torunda dürli harytlary onlaýn görnüşde, eltip bermek hyzmaty bilen bilelikde hödürleýärler.

Internet ulgamynda sarp edijileriň isleglerini kanagatlandyrmagy maksat edinýän aragatnaşyk, ätiýaçlandyryş, syýahatçylyk, abatlaýyş, arassalaýyş we başga-da onlarça hyzmatlary ýerli hödürleýjileriň sany gün-günden artýar. Şeýle hem türkmen telekeçileriniň onlaýn tertipde harytlaryny we hyzmatlaryny hödürleýän, ykjam telefonlardan ýa-da kompýuterlerden peýdalanyjylar üçin niýetlenen web-programmalara we saýtlara ýygy-ýygydan duş gelmek bolýar. Bu bolsa, müşderilere gözleýän zatlaryny çalt we kynçylyksyz tapmaga ýardam edýär. Ýurdumyzda tehnologiýalaryň we Internetiň giň mümkinçiliklerinden peýdalanmak arkaly döreýän amatlyklar sarp edijileriň wagtynyň we serişdeleriniň tygşytlanmagyna, harytlar we hyzmatlar bazarynda dolanyşygyň çaltlanmagyna, milli ykdysadyýetiň özüne çekijiliginiň we bäsdeşlige ukyplylygynyň ýokarlanmagyna oňyn täsir edýär. Elektron söwdany ösdürmegiň esasy meýilleri möçberi barha artýan internet-dükanlaryň harytdyr hyzmatlaryna hyrydarlygyň ýokarlanmagyny, onlaýn tertipde karzlaşdyrmanyň kämilleşmegini, elektron töleg ulgamlarynyň işjeň ulanylmagyny gurşap alýar.

Döwlet kiçi we orta telekeçiligiň subýektlerine deň hukuklary kepillendirýär, hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goraýar, goldaýar, şeýle hem bäsdeşligiň ösdürilmegi üçin amatly şertleri döredýär. «Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda döwletiň ykdysadyýetiniň uzakmöhletleýin strategiki ösüş syýasatynyň 2021-2030-njy ýyllar üçin ileri tutulýan ugurlary çaklanylýar. Olaryň arasynda milli ykdysadyýetiň ýokary hilli bazar we önümçilik ulgamyny döretmek, ösen tehnologiýalara daýanýan hyzmat ulgamynyň oňyn ösüşini gazanmak, işjeňligiň bäsdeşlige ukyply görnüşleriniň ösüşini üpjün etmek, ösen bazar usullaryny we gurallaryny, işewürligi ýöretmegi dolandyrmagyň we guramagyň öňdebaryjy usullaryny ulanmak meýilleşdirilýär. Munuň özi hormatly Türkmenistanyň Prezidentiniň öňdengörüjilikli durmuş-ykdysady strategiýasynda ykdysady pudaklaryň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmagyň, dolandyryşyň bazar ykdysadyýetiniň özgerýän şertlerine uýgunlaşan kämil usullaryny ulanmagyň uzakmöhletleýin ähmiýetini açyp görkezýär.

**Edebiýat:**

*1. «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy» // Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy. - 2018. - № 10-11-12.*

*2. «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy». -A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.*

*3. Л.Н. Чайникова, В.Н. Чайников. Конкурентоспособность предприятия. – Тамбов: Издательство ТГТУ, 2007.*

*4. Н.В. Быстрова, К.А. Максимова. Электронная коммерция и перспективы ее развития // Инновационная экономика: перспективы развития и совершенствования. - N 7 (33). - Том 1. - 2018.*

# ÝAŞLAR TELEKEÇILIGINIŇ ÖSÜŞ UGURLARY

**Süleýman DURDYÝEW,**
Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynyň ylmy işgäri

Dünýä derejesindäki ykdysady we syýasy-durmuş ýagdaýlar, döwletiň esaslaryny pugtalandyrmak zerurlygy ýurdy hem-de onuň sebitlerini innowasiýa taýdan ösdürmek wezipesiniň ileri tutulmagyny şertlendirýär. Bu wezipäniň amal edilmegi ilatyň agramly bölegini düzýän ýaşlary çekmezden mümkin däl. Häzirki şertlerde telekeçilik işiň töwekgelçilikli, emma muňa garamazdan, oýlanyşykly syýasata eýermegiň esasynda ýokary netijeleri göz öňünde tutýan ugry bolup durýar. Ýaş nesliň hyjuwlylygy we işjeňligi, täze başlangyçlara tiz eýerýänligi, döredijilik mümkinçilikleri ýaşlar telekeçiligini ösdürmegiň ilkinji sebäpleriniň hatarynda durýar.

«Ýaşlar telekeçiligi» düşünjesi bazar gatnaşyklarynyň batly depginlerde ösmegi, ýaşlaryň işjeňliginiň we döredijilik ukybynyň artmagy, şeýle hem döwletiň, raýat jemgyýetiniň, telekeçileriň arkalaşykly hereketi arkaly döwlet-hususy hyzmatdaşlygyň geriminiň giňelip başlamagy bilen ulanyşa girdi. Onuň wajyplygy dünýä derejesinde ykrar edilip, muny 2030-njy ýyla çenli ählumumy Gün tertibiniň wezipelerinden hem aýdyň görmek bolýar. Hususan-da, bellenilen döwre çenli iş bilen meşgullanmak, mynasyp zähmetiň eýesi bolmak we telekeçilik işi bilen meşgullanmak üçin talap edilýän endiklere, şol sanda hünär-tehniki endiklere eýe bolan ýaşlaryň sanyny ep-esli möçberde artdyrmak maksat edinilýär. Çünki, telekeçilige mahsus bolan oýlap tapyjylyk, innowasiýa mümkinçilikleri durnukly ösüş babatda öňe çykan wezipeleriň çözgüdini tapmakda aýratyn ähmiýetlidir. Tejribäniň görkezişi ýaly, bu çygyrdaky işiň ýaş nesliň ukypbaşarnygy bilen sazlaşygy Durnukly ösüş maksatlarynyň hemmeler üçin abadan geljegi gurmak babatdaky meýillerini amal etmekde diýseň täsirli hereketlendiriji güýje öwrüler.

Ilatyň beýleki toparlary bilen deňeşdirilende, ýaşlar telekeçiligine olaryň töwekgelçilige has ýykgyn etmegi, uly zähmet we psihologik agramlara bäs gelip bilmegi, önümçiligiň we bazaryň üýtgeýän şertleri esasynda telekeçilik bilimlerini we endiklerini tiz ele alyp, täzeläp durmak mümkinçiliginiň ýokary bolmagy, täze bazarlary dessine özleşdirmäge ukyplylygy häsiýetlidir. Ýaşlar telekeçiliginiň kemala gelmegi we ösmegi kiçi we orta işewürligiň netijeliligine, ýaşlaryň iş bilen üpjün edilmegini guramaga, durmuş goraglylygyny güýçlendirmäge, hünär taýdan ugrukmagyna we okadylmagyna, hususy eýeçilige we telekeçilige bolan oňyn gatnaşyga esaslanan milli garaýşyň berkemegine ýardam edýär. Ýaş telekeçileriň maýalar bazarynda ugurtapyjylyk görkezmegi, mümkin bolan maýadarlar, söwdagärler we sarp edijiler bilen hyzmatdaşlygy ýola goýmagy satuwyň önümçilik zynjyryny hem-de toruny gurmagy, marketing işi we mahabatlandyrma bilen meşgullanmagy netijelilige alyp barýar. Dünýä tejribesi seljerilende, dürli türgenleşik sapaklarynyň geçirilmeginiň, kärdeşler bilen aragatnaşygyň saklanmagynyň, ýaşlar telekeçiligini goldamak boýunça maksatnamalara gatnaşylmagynyň üstünlik gazanmagyň bir ýoly bolup durýandygyny görmek bolýar. Işjeň ýaşlaryň öz-özüni guramagyna, döredijilik pikirleriniň iş ýüzüne geçirilmegine, ylym ýa-da işewürlik bilen meşgullanmagyna ýardam etmek durmuş-ykdysady ösüşiň uzakmöhletleýin wezipelerini çözmäge niýetlenendir.

Ýurdumyzyň ýaşlar kanunçylygynda ýaş raýatlaryň ýaşlar telekeçiligini döretmek we ösdürmek üçin şertleriň döredilmegini göz öňünde tutýan wezipeler bellenendir. Ýuridik şahsy döretmezden we işi ýaşlar telekeçiligine degişli edilen ýa-da ýuridik şahsyň wezipe sanawyndaky işgärleriniň düzümine girýän, telekeçilik işi bilen meşgullanýan ýaş raýat ýaş telekeçi bolup durýar. Ýaşlaryň telekeçilik işi bilen meşgullanmak hukugyny üpjün etmekde Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 47-nji maddasy berk binýat bolup çykyş edýär. Onda telekeçilik we kanunda gadagan edilmedik gaýry ykdysady iş üçin ukyplary we emlägi erkin peýdalanmak hukugy

kepillendirilýär. Telekeçiniň işiniň düzgün-kadalary «Telekeçilik işi hakynda» hem-de «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Kanunlarynda takyk kesgitlenilýär.

2013-nji ýylyň 29-njy awgustynda kabul edilen «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanuny «ýaş telekeçi», «ýaşlar telekeçiligi» hem-de «ýaşlar kärhanalary» ýaly düşünjelere takyk kesgitleme bermek bilen, ýaşlar telekeçiliginiň döwlet goldawynyň ugurlaryny görkezýär. Olar ýaşlar bu ugurda kadalaşdyryjy hukuk binýadyň kämilleşdirilmegi, maddy-enjamlaýyn we maliýe taýdan döwlet goldawynyň berilmegi, höweslendirmeler ulgamynyň ösdürilmegi, ýaş telekeçileriň ykdysady we dolandyryjylyk bilimini almakda guramaçylyk we maliýe taýdan ýardam etmek, ýaş telekeçileriň we ýaşlar kärhanalarynyň arasynda telekeçilik işi babatda bäsleşikleriň, olimpiadalaryň we festiwallaryň geçirilmegi bilen baglydyr. Ýaşlar telekeçiligi kiçi we orta telekeçiligiň subýektleri tarapyndan telekeçilik işiniň amala aşyrylmagyny göz öňünde tutup, bu düşünje birnäçe şertlere jogap bermelidir, ýagny wezipe sanawyndaky işgärleriň we ýolbaşçynyň azyndan 75 göteriminiň ýaşy 30 ýaşa çenli bolmaly ýa-da esaslyk maýasynda, eger ol ýuridik şahsyň guramaçylyk-hukuk görnüşi bilen göz öňünde tutulsa, 30 ýaşdan uly bolmadyk adamlaryň goýumlarynyň paýy 75 göterimden ýokary geçmelidir.

Ýaşlaryň sanly endikleri işe ýerleşmek, şol sanda telekeçilik işi bilen meşgullanmak, sanly ykdysadyýeti we jemgyýeti gurmaga goşant goşmak ýaly mümkinçilikleri açýar. Kämil sanly endikleri ele alan ýaşlar has köp gazanç etmäge ukyply bolup, sanly ykdysadyýetiň ösmegine ýardam edýärler. Sanly endikler grafik dizaýny we marketingi, çaphana işlerini taýýarlamagy we sosial torlary dolandyrmagy özünde jemleýär. Aýratynlykda, sanly telekeçilik endikleri bazaryň onlaýn barlaglaryny guramaga, strategik meýilnamalaşdyrmakda, işewürlik seljermesini geçirmäge we serişdeleri toplamak üçin binýatlary peýdalanmaga şert döredýär. Ýaşlaryň sanly endiklerini ýokary derejede ele almagy we telekeçilik işi babatda mümkinçilikleriniň giňeldilmegi BMG-niň «Hemmeleri mynasyp iş bilen üpjün etmek hem-de ähli zady gurşap alýan we durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmek» atly Durnukly ösüşiň 8-nji Maksadyna ýetmäge uly goşant goşýar.

Hökümet ýaşlarda sanly endikleri ösdürmegiň milli strategiýasyny işläp taýýarlap, innowasiýalar, telekeçilik işi we sanly ykdysadyýetde iş orunlaryny döretmek üçin amatly şertleri döredip biler. Şunuň bilen birlikde, kiçi we orta kärhanalar ykdysady ösüşe, iş bilen üpjünçilige we maýa goýum mümkinçiliklerine degerli täsir edýärler. Şu nukdaýnazardan, häzirki wagtda telekeçilige döwlet goldawy berilýär. Türkmenistanda bazar gatnaşyklary şertlerinde hususy pudagy, şol sanda ýaşlar telekeçiligini döretmek we ösdürmek üçin döwlet tarapyndan şertler döredilýär. Türkmenistanda ýaşlar zähmete ýaramly ilatyň agramly bölegini düzüp, toplumlaýyn durmuş-ykdysady özgertmeleriň amala aşyrylmagyny üpjün edýär. Şoňa görä-de, milli ykdysadyýetiň has-da sazlaşykly we netijeli ösdürilmegi üçin ýaşlar telekeçiligini esaslandyrmak, oňa goldaw bermek hem-de bu ugur boýunça oňaýly hukuk, ykdysady, maliýe we durmuş şertlerini döretmek örän möhüm wezipeler bolup durýar.

«Türkmenistanda kiçi we orta telekeçiligi goldamagyň 2018-2024-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy» hem-de şu döwür üçin degişli çäreleriň meýilnamasy ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ýokary depginde ösdürmegi dowam etdirmek, milli ykdysadyýetiň dürli ugurlarynda telekeçilik işjeňligini artdyrmak, kiçi we orta kärhanalaryň öndürýän harytlarynyň görnüşlerini hem-de möçberlerini artdyrmak, olaryň daşary ýurt bazarlarynda bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak, hususy telekeçiligiň ösmegine ýardam bermek maksady bilen kabul edildi we durmuşa geçirilýär. Hususy telekeçilere kesgitli işleriň görnüşleri boýunça salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamy bellenendir . Esasy serişdeleri satyn almak üçin telekeçilere ýyllyk 5% bilen 10 ýyl möhlete çenli karz bermek, şeýle hem dolanyşyk serişdelerini satyn almak üçin 1 ýyl möhlet bilen karzlar berilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary esasynda 2008-nji ýylda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň, 2012-nji ýylda Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň, 2018-nji ýylda Türkmenistanda kiçi we orta telekeçiligi goldamak Gaznasynyň döredilmegi ýurdumyzyň döwlete degişli bolmadyk ykdysady böleginde içerki we daşarky bazarda mynasyp derejede bäsdeşlige ukyply milli haryt öndürijileriň täze neslini ösdürip ýetişdirmäge ýardam berýär. Agzalan birleşme ýaşlar telekeçiligini ösdürmek çygrynda, esasan, telekeçilik bilen meşgullanmaga isleg bildirýän ýaşlar bilen telekeçilik işinde resminamalaryň ýöredilişi, telekeçilik işini amala aşyrmak üçin gysga möhletli tölegli maslahat-okuwlaryny geçirmek, telekeçilik ulgamynda zähmet çekýän ýaşlaryň arasynda önümçilik hünärleri boýunça bäsleşikleri guramak bilen meşgullanýar.

Telekeçilik gurşawynda amala aşyrylýan özgertmeleriň ýaşlaryň iş bilen üpjünçilik meselesini çözmekde täsirli ornunyň bardygy mälimdir. Ýurdumyzy senagat taýdan ösdürmek, kiçi we orta telekeçiligi goldamak, oba hojalyk önümlerini öndürijiler üçin amatly şertleri döretmek boýunça giň gerim bilen durmuşa geçirilýän döwlet çäreleri müňlerçe täze iş orunlarynyň döremegine we, netijede, ilatyň iş bilen üpjünçiliginiň derejesiniň

ýokarlanmagyna özüniň oňyn täsirini ýetirýär. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda» atly kitabynda ýaş hünärmenleri hünär taýýarlygyna laýyk işe ýerleşdirmek, şeýle hem ýaşlar telekeçiligini goldamak we beýleki maksatnamalaýyn işler arkaly iş bilen üpjünçiligi ýola goýmak babatynda döwlet tagallalary hem beýan edilýär.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň 2018-nji ýylyň sentýabryndaky birinji taryhy mejlisinde kabul edilen «Oba hojalyk pudagynda geçirilýän özgertmeleri has-da kämilleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararynyň üstünlikli amala aşyrylmagy netijesinde döredilen oba hojalyk maksatly ýörite ýer gaznasyndan ýer bölekleriniň 99 ýyl möhlet bilen bölünip berilmegi ýaş nesliň zähmetini terbiýelemekde möhüm ädim boldy hem-de bu pudakda telekeçilik işiniň hil taýdan täze basgançagyny emele getirdi. Toplumlaýyn we yzygiderli durmuşa geçirilýän bu işler döwlet bilen hususyýetçiligiň arasyndaky oňyn hyzmatdaşlygyň gerimini artdyrýar, bu çärelere ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ulgamyny düýpli ösdürmäge we döwrebaplaşdyrmaga gönükdirilen möhüm ugur hökmünde garamaga mümkinçilik berýär. Hususy başlangyçlaryň örňemegine erkin we aňrybaş amatly şertleriň döredilmegi bu ugurda ýokary netijeleri gazanmaga, ulgama öňdebaryjy innowasiýalary ornaşdyrmaga, önümçiligi ösdürmekde iri maýa goýumlaryny üstünlikli özleşdirmäge we zähmet bölünişigini yzygiderli çuňlaşdyrmaga ýardam etmek maksatlaryna gönükdirilendir.

Döwletimiz hususy telekeçiligi ösdürmek boýunça netijeli çäreleri durmuşa geçirmek bilen, telekeçilik ulgamynyň ýurduň jemi içerki önüminde tutýan paýyny yzygiderli artdyrmagy, şunuň bilen baglylykda hem ilatyň girdejisini ýokarlandyrmagy nazarda tutýar. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde nyrhlar önümçiligiň möçberini we düzümini, maddy akymlaryň hereketini, harytlaryň öndürilýän we ýerlenilýän möçberini, bularyň hemmesiniň netijesinde hem jemgyýetiň durmuş hal-ýagdaýynyň derejesini kesgitlemekde möhüm orny eýeleýär. Telekeçilik bilen meşgullanmaga isleg bildirýän ýaşlar bilen telekeçilik işinde resminamalaryň ýöredilişi, telekeçilik işini amala aşyrmak üçin gysga möhletli tölegli maslahat-okuwlaryny geçirmek we okuwy geçendigi barada resmi ýagdaýda şahadatnamalary bermek boýunça 2015-2020-nji ýyllar aralygynda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň Merkezi Geňeşi, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşi, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri tarapyndan şygarlary bilen wagyz-nesihat çäreleri, okuw maslahatlary, duşuşyklar yzygiderli guraldy. Şeýle hem gysga möhletli tölegli maslahat okuwlaryny geçirmek we okuwy geçendigi barada resmi ýagdaýda şahadatnamalary gowşurmak boýunça hem degişli işler amala aşyryldy.

Artykmaçlyklary nazarda tutup, döwletiň bu ugurdaky işleri dowamly alyp barmak meýilleri uzakmöhletleýin geljege niýetlenendir. «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019–2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna» laýyklykda, bellenen 7 ýylda erkin bäsleşigiň ösdürilmegi we hususy telekeçileriň başlangyçlarynyň höweslendirilmegi ýurtda täze iş orunlarynyň köpelmegini we ilatyň iş bilen üpjünçiliginiň ýokary derejesini üpjün eder. Iş bilen üpjün ilatyň möçberinde ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz böleginde işleýänleriň paýy 75 göterimden gowrak bolar.

**Edebiýat:**


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda. -A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2018.*
2. *Türkmenistanyň Konstitusiýasy. –A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.*
3. *«Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanuny // Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary. – 2013. - № 3.*
4. *Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesini döretmäge rugsat bermek hakynda» Karary // Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy. – 2008. - № 3.*
5. *Türkmenistanyň Prezidentiniň «Kiçi we orta telekeçiligi dowlet tarapyndan goldamak hakynda» Karary // Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy. – 2012. - № 7. – II-bölek.*
6. *Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmenistanda kiçi we orta telekeçiligi goldamak Gaznasyny döretmek hakynda» Karary //Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy. – 2018. - № 2-3.*
7. *Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmenistanda kiçi we orta telekeçiligi goldamagyň 2018-2024-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyny tassyklamak hakynda» Karary //Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy. – 2018. - № 2-3.*
8. *«Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019–2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy». –A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2019.*

# «MILLI MANAT-MILLI BUÝSANÇ»

**Parahat MERETLIÝEW,**
Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet
ministrliginiň baş hünärmeni



2020-nji ýylyň 31-nji oktýabrynda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda milli manadyň dolanyşyga girizilmeginiň 27 ýyllygyna bagyşlanan «Milli manat-milli buýsanç» ady bilen ylmy-amaly maslahat geçirildi. Onda Hormatly Prezidentimiziň maslahata gatnaşayjylara iberen Gutlagy okaldy. Milli manadyň durnukly derejesini saklamak, bank hyzmatlarynyň möçberlerini artdyrmak, onuň hilini halkara derejesine çykarmak, bank işine dünýäniň öňdebaryjy tejribelerini we innowasion tehnologiýalaryny ornaşdyrmak pudagyň öňünde durýan esasy wezipeler bolup durýar diýip, milli Liderimiz Gutlagynda belleýär.

Maslahatyň dowamynda «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011—2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynda» kesgitlenen wezipelere laýyklykda amala aşyrylýan düýpli özgertmeler, degişli kanunçylygy kämilleşdirmek, maliýe-karz syýasatyny we sanly tehnologiýalary ösdürmek, halkara maliýe düzümleri bilen hyzmatdaşlygy giňeltmek, şeýle hem Türkmenistanda pul dolanyşygynyň taryhy hakynda çykyşlar diňlenildi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow serişde, senagat, zähmet we intellektual mümkinçilikleriň köpugurly esasda ösdürilmeginiň ýurdumyzyň ykdysady ösüşiniň esasy ugurlarynyň biri bolup durýandygyny hemişe nygtaýar. Maslahata gatnaşyjylaryň çykyşlarynda belleýişleri ýaly, bu strategiýanyň netijeliligi, onuň anyk hasaplamak, ykdysady, durmuş we demografiýa şertlerini jikme-jik seljermek arkaly ylmy esasda işlenip taýýarlananlygydyr. Şonuň bilen baglylykda, Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň uzak möhletleýin milli maksatnamalary ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklarynyň önümçilik binýatlarynyň senagatlaşdyrylmagyny, onuň häzirki zaman düzüminiň we ägirt uly serişde mümkinçilikleriniň esasynda halk hojalygynyň hil taýdan täze pudaklarynyň döredilmegini esasy ugur edinýär.

Mälim bolşy ýaly, maýa goýum işjeňligini artdyrmak, daşary ýurt we ýurdumyzyň telekeçileriniň maýalyk serişdelerini çekmek üçin amatly şertleri döretmek, möhüm ähmiýetli iri taslamalary durmuşa geçirmek maksady bilen karz serişdeleriniň möçberlerini artdyrmak ýurdumyzda ýaýbaňlandyrylan ykdysady özgertmeleriň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyz milli ykdysadyýetiň maksatnamalaýyn ulgamyna esaslanýan täze guralyny döretmäge girişdi. Hormatly Prezidentimiz içerki bähbitleri, Türkmenistanyň dünýä bileleşigine we ählumumy meýillere işjeň goşulmagyny nazara alyp, durmuş ulgamyny nazarlaýan çeýe ykdysady strategiýany işläp taýýarlady.

Oňyn netijeleriň gazanylmagynda häzirki döwrüň ýagdaýlaryna we umumy ykrar edilen halkara standartlaryna laýyk gelýän kanunçylyk-hukuk binýadynyň döredilmegine, döwletimiziň maliýe pudagynyň, salgyt-býujet we baha syýasatynyň kämilleşdirilmegine möhüm orun degişlidir. Şunuň bilen baglylykda, Halkara pul gaznasy, Bütindünýä banky, Ýewropanyň täzeleniş we ösüş banky, Aziýanyň ösüş banky, Yslam ösüş banky we beýlekiler bilen hyzmatdaşlygy çuňlaş-

dyrmak boýunça alnyp barylýan işlere möhüm ähmiýet berýär. Ýurdumyzyň banklarynyň öňünde durýan möhüm wezipelere laýyklykda türkmen manadynyň durnuklylygyny pugtalandyrmak, karzlaryň we ilatyň goýumlarynyň möçberlerini artdyrmak boýunça yzygiderli çäreler amala aşyrylýar. Banklaryň halkara ülňülere laýyklykda maliýe hasabatlylygyna, bu ulgamyň işgärleriniň hünär derejesiniň ýokarlandyrylmagyna, bank edaralarynyň maddy-enjamlaýyn binýadynyň döwrebaplaşdyrylmagyna uly üns berilýär.

Bank ulgamyny ösdürmegiň döwlet maksatnamasynda hormatly Prezidentimiz tarapyndan kesgitlenen wezipeleriň çäklerinde bank hyzmatlarynyň täze görnüşlerini girizmek we innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak, işewürligi dolandyrmagy kämilleşdirmek, türkmen banklarynyň maýalaryny artdyrmak we olary hususylaşdyrmak boýunça anyk işler amala aşyrylýar. Ykdysadyýetiň beýleki pudaklary bilen bir hatarda bu ulgamda sanly ykdysadyýete geçmek üstünlikli alnyp barylýar we onuň programma üpjünçiligi taýýarlanylýar. Bank işleriniň sanlylaşdyrylmagy diňe bir müşderilere edilýän hyzmatlaryň möçberlerini artdyrmak bilen çäklenmän, eýsem, olaryň hilini ýokarlandyrmaga we munuň üçin sarp edilýän wagty tygşytlamaga mümkinçilik berýär. Şol bir wagtyň özünde, bu çäre banklara pul akymlaryna gözegçilik etmäge we degişli çözgütleri kabul etmäge şert döredýär.

Raýatlarymyza hödürlenilýän bank kartlarynyň nagt däl görnüşde hasaplaşyklary geçirmegiň döwrebap töleg guraly bolup, jemgyýetimize giňden ornaşandygyny bellemeli. Häzirki wagtda ýurdumyzyň çäginde «Altyn asyr», «Millikart», «Maşgala», «Goýum bank karty», «Owerdraft karty», şeýle hem halkara «VISA» we «MasterCard» bank kartlaryny peýdalanmak arkaly hasaplaşyklaryň ähli görnüşlerini ýerine ýetirmek üçin giň mümkinçilikler döredildi. Mundan başga-da, ilatyň erkin pul serişdelerini netijeli peýdalanmaklary we olaryň girdejilerini artdyrmaklary üçin depozit bank karty möhüm gural bolup hyzmat edýär. Ol töleg terminallarynyň, «Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlarynyň kömegi arkaly nagt däl hasaplaşyklary geçirmäge, goýumlaryň galan möçberlerini we internetiň üsti bilen gönükdirilen goýumlary kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Söwda we hyzmatlar ulgamynda nagt däl hasaplaşyklary döwrüň ýagdaýyna laýyklykda ýola goýmak maksady bilen, «Elektron täjirçilik» hyzmatlaryny girizmek boýunça ulgamlaýyn işler dowam edýär.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň tabşyryklaryny ýerine ýetirmek maksady bilen «Halkbank» Paýdarlar täjirçilik banky nagt däl hasaplaşyklaryň möçberlerini artdyrmak boýunça «Halkbank Terminal» hyzmatyny ýola goýdy. Munuň özi häzirki zaman öňdebaryjy tehnologiýalaryň esasynda taýýarlanan mobil tölegler üçin programma üpjünçiligi bolup durýar. Bu bolsa, söwda we hyzmatlar ulgamynda töleg terminallarynyň eýeleri üçin müşderilere sanly hyzmatlary ýetirmekde nobatdaky oňyn mümkinçilikdir. Şeýle hem ýurdumyzyň karz edaralary «Cash back» hyzmatyny gurady. Ol söwda we hyzmatlar ugry boýunça kesgitli müşderiler toparyna niýetlenendir.

Özgertmeler ulgamynda milli kanunçylygyň, şol sanda bank işini kadalaşdyrýan kanunlaryň döwrebaplaşdyrylmagyna möhüm orun degişli bolup durýar. Soňky ýyllaryň dowamynda milli Liderimiziň tabşyrygy boýunça döwrüň ýagdaýyny we bu ulgamda hereket edýän halkara ülňüleri nazara almak arkaly birnäçe kadalaşdyryjy-hukuk namalary işlenip taýýarlandy. Olaryň hatarynda «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», «Karz edaralary we bank işi hakynda», «Mikromaliýe guramalary we mikromaliýeleşdirmek hakynda», «Karz birleşikleri hakynda», «Şahsy adamlaryň goýumlarynyň hökmany kepillikleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary bar.

Bellenilişi ýaly, ýurdumyzyň banklarynyň öňünde geljekde raýatlaryň pul serişdelerini çekmek boýunça ägirt uly wezipeler durýar. Munuň özi islendik ýurduň milli ykdysadyýetiniň ösüşinde möhüm orun eýeleýär. Çünki, bank goýumlary maliýe goraglylygyny döredýär we halkymyzyň durmuş derejesiniň ýokarlanmagyny üpjün edýär. Şunuň bilen baglylykda, ilatyň öz pul serişdelerini dürs ulanmaklaryny üpjün etmek, olaryň maliýe sowatlylygyny ýokarlandyrmak boýunça zerur çäreleri geçirmeli. Munuň özi banklara jogapkärçiligi we mümkinçiligi ýokary bolan goýumçylary çekmäge we bu ugurdaky töwekgelçilikleri peseltmäge mümkinçilik berer. Pudagyň hünärmenleri döwlet Baştutanymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň tabşyryklaryny ýerine ýetirmek arkaly goýumçylaryň bähbitlerini gorap, olaryň banklara bolan ynamynyň derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilen işleri ýerine ýetirýärler. Munuň özi bank ulgamyna öňdebaryjy tehnologiýalary ornaşdyrmakdan, ipoteka karzlarynyň möçberlerini artdyrmakdan, döwlet we pudaklaýyn maksatnamalara laýyklykda, maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmekden ybaratdyr.

Maslahatyň ahyrynda oňa gatnaşyjylar çuňňur hormatlanylýan Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň adyna biragyzdan Ýüzlenme kabul etdiler.

# PERMANENT NEUTRALITY IS THE PLEDGE OF STABLE DEVELOPMENT




The Independence of Turkmenistan turned to be the condition precedent to advancement of the qualitatively new milestone of progressive development of the country marked by adoption by the UN General Assembly on 12 December 1995 of historic Resolution «On Permanent Neutrality status of Turkmenistan».

Within the epoch of powerful state and happiness, owing to the constant concern of Honorable President of Turkmenistan, the Neutrality of Turkmenistan sounds now in a new way, grows in modern content and global trends. The secondary adoption of this Resolution in 2005 by the UN General Assembly and announcement by the UNGA of December 12 as the International Day of Neutrality are the evidence to it.

Today, Turkmen people widely and triumphantly celebrate the glorious 25th anniversary of Permanent Neutrality of Turkmenistan. Solemn events dedicated to the remarkable anniversary and embodying the historic achievements of the country due to legal status of positive Neutrality are held in all the parts of the country. The national financial-economic complex does the worthy bit in realization of the relevant goals. This is absolutely natural, since successful fulfillment of the economic doctrine chosen by Turkmenistan in the epoch of powerful state and happiness, forms the basis of onward development of the state by achieving weighty results.

On the threshold of the glorious anniversary, the new book of Honorable President of Turkmenistan «Turkmenistan – Country of Neutrality» was issued. The book of Honorable President of Turkmenistan reveals new bounds of the jubilee celebrations and represents the scientifically formulated chronicle of philosophy of the Neutrality – from the very beginning until today.

The separate chapter of the book «Turkmenistan – Country of Neutrality» concerns the economic aspects of the Permanent Neutrality status.

The Law of Turkmenistan «On Permanent Neutrality of Turkmenistan» of 12 December 1995 describes that Turkmenistan effects the international economic relations on the grounds of equality, mutual benefit, with a glance to the interests of the parties concerned, while taking into account the need of strengthening of relationship and trust between the countries and the regions, strengthening of peace and stability.

Just these principles make the basis of the sustainable development strategy implemented currently, in the epoch of powerful state and happiness, under wise leadership of Honorable President of Turkmenistan.

The Permanent Neutrality status imparts high-power impulse to the forward economic progress of Turkmenistan. In the epoch of powerful state and happiness, our country has reached significant growth. Over the period of 2008-2019, the GDP of Turkmenistan volume has grown 3.2 fold. The revenues of the State Budget have grown more than twice; the expenditures - more than 4fold accordingly. These indicators prove once again the accuracy, rightness of choice by Turkmenistan of the socioeconomic development model.

The Neutrality period has been marked also with significant investment activeness in the national economy sphere. Hundreds, thousands of new objects of social, industrial and environmental purpose have appeared throughout the country. These achievements reflect absolute adherence of Turkmenistan to steady realization of the Sustainable Development Goals by means of implementation of these Goals within framework of the national development plans and programs that form a sound basis for consecutive perfection of the sphere of foreign economic relations of Turkmenistan. Further development of the public private partnership format has led to positive formation of own segment of the national industrials and business.

On December 12, 2020, in Ashgabat, the international conference «Policy of Neutrality and its significance in provision of international peace, security and sustainable development» was held. Honorable President of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov participated in the solemn ceremony of this forum. At the international exhibition held in the ECSPO center of Turkmenistan to celebrate the 25th anniversary of Neutrality of Turkmenistan, during 12 days, all the sectors and spheres of the social and economic life of the country gave presentations of their achievements.

